## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW: – TÜRKMENISTAN GARAŞSYZLYGYNYŇ ILKINJI ÄDIMLERINDEN BAŞLAP, HALKARA GATNAŞYKLARDA WE DAŞARY SYÝASATDA BITARAPLYK, DEŇHUKUKLYLYK, HOŞNIÝETLI GOŇŞUÇYLYK ÝALY BINÝATLYK ÝÖRELGELERI SAÝLAP ALDY.


# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

1-nji maý, 2026. Belgisi 18/1688




# SÖWDA-YKDYSADY HYZMATDAŞLYK ÝOLA GOÝLAR

**29-njy aprelde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Seýşeller Respublikasynyň daşary işler we diaspora ministri Barri Fory kabul etdi.**

Myhman mähirli kabul edilendigi üçin hoşallyk bildirip, öz ýurdunda okgunly ösýän Türkmenistan bilen giň gerimli gatnaşyklary ýola goýmaga uly gyzyklanma bildirilýändigini belledi hem-de pursatdan peýdalanyp, Seýşeller Respublikasynyň Prezidenti Patrik Ermininiň döwlet Baştutanymyza iberen mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Hormatly Prezidentimiz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Seýşeller Respublikasynyň döwlet Baştutanyna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hem-de myhmanyň bu saparynyň ikitaraplaýyn gatnaşyklary giňeltmekde möhüm ädim boljakdygyna, uzak möhletleýin hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryna itergi berjekdigine ynam bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, Bitarap Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna esaslanyp, dünýä döwletleri bilen dostlukly gatnaşyklary alyp barýar. Durnukly ösüş, parahatçylyk söýüjilik, özara ynanyşmak ýörelgeleri ýurduň daşary syýasatynyň binýadyny emele getirýär. Söhbetdeşler abraýly halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerindäki özara hyzmatdaşlyga ünsi çekdiler. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň döredijilikli başlangyçlaryny goldaýandygy we BMG-niň Baş Assambleýasynyň möhüm Kararnamalarynyň awtordaşy bolup çykyş edýändigi üçin Seýşeller Respublikasynyň Hökümetine minnetdarlyk bildirdi. «Biz geljekde hem ýurtlarymyzyň daşary syýasat edaralary tarapyndan halkara giňişlikde alnyp barylјak işleri utgaşdyrmagy goldarys» diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Duşuşygyň barşynda Türkmenistanyň we Seýşeller Respublikasynyň arasyndaky söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň mümkinçiligi ara alnyp maslahatlaşyldy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz milli ykdysadyýetimiziň eksport kuwwatyna ünsi çekip, ýangyç-energetika toplumyny, himiýa we dokma senagatyny, oba hojalygyny geljegi uly ugurlaryň hatarynda görkezdi. Hormatly Prezidentimiz ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak maksady bilen, seýşeller tarapyny ýurdumyzda geçirilýän sergilere we halkara maslahatlara işjeň gatnaşmaga çagyrdy.

Ynsanperwer gatnaşyklary ösdürmek, hususan-da, syýahatçylyk pudagynda hyzmatdaşlyk etmek duşuşykda ara alnyp maslahatlaşylan ýene bir mesele boldy. Döwlet Baştutanymyz bu ugurda tejribe alyşmak hem-de geljekde syýahatçylygy ösdürmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny belläp, ýurdumyzyň özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmak boýunça seýşeller tarapynyň anyk tekliplerine seretmäge taýýardygyny tassyklady.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de Seýşeller Respublikasynyň daşary işler we diaspora ministri Barri For iki döwletiň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň mundan beýläk-de pugtalandyryljakdygyna ynam bildirip, birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

# TÜRKMEN-HYTAÝ IŞEWÜRLER FORUMY WE SERGISI

**28-30-njy aprelde paýtagtymyzyň Söwda-senagat edarasynda Türkmen-hytaý işewürler forumy we sergisi geçirildi. Ikitaraplaýyn söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy giňeltmekde, harytlaryň eksportyny artdyrmakda, hytaý kompaniýalary hem-de maýadarlary bilen işewürlik hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de ösdürmekde, daşary ýurt maýa goýumlaryny milli ykdysadyýetimize giňden çekmekde bu forumyň ähmiýeti örän uludyr.**

Iri möçberli çäre dostlukly döwletiň işewür toparlarynyň 200-den gowrak wekilini türkmen paýtagtyna jemledi. Olaryň arasynda ýurdumyz bilen öňden bäri işleşip gelýän, harytlary alyjylara giňden belli bolan hyzmatdaşlar, şeýle hem işjeň gatnaşyklary ýola goýup, geljegi uly türkmen bazarynda orun almagy maksat edinýän işewürler bar.

Foruma ýangyç-energetika toplumynda iş alyp barýan Hytaýyň birnäçe kompaniýalarynyň gatnaşmagy olaryň geljegi uly türkmen bazarynda hyzmatdaşlyga uly gyzyklanma bildirýändiklerini görkezýär. Dostlukly döwletiň işewür wekilleriniň birnäçesi gaz we nebithimiýa toplumlaryny gurmak hem-de döwrebaplaşdyrmak boýunça öňdebaryjy çözgütleri bilen serga gelýänleri tanyşdyrdylar.

enjamlary hödürleýän kompaniýalaryň diwarlyklary uly gyzyklanma döretdi.

Kompaniýalaryň birnäçesi dokma senagatynda we gurluşyk-gurnama işinde, ýyladyşhana hem-de suw hojalygy pudagynda hödürleýän hyzmatlary bilen tanyşdyrdy. Serga gatnaşyjylaryň hatarynda «akylly» tehnologiýalar esasynda işleýän oba hojalyk tehnikalaryny, süýümli aragatnaşyk kabellerini, dürli ekinleriň bol hasylly we daşky gurşawa çalt uýgunlaşýan görnüşleriniň tohumlaryny, weterinar derman serişdelerini öndürýän kompaniýalar hem bar. Şeýle hem birnäçe diwarlykda dürli dermanlaryň hem-de sanjymlaryň önümçiliginde hyzmatdaşlyk üçin bar bolan mümkinçilikler şöhlelendirildi. Serginiň çäklerinde Hytaýda bilim almak isleýän ýaşlar hödürlenilýän amatly mümkinçilikler bilen tanyşdy.

Hytaýyň awtoulag senagatynyň mümkinçilikleri ýörite meýdançalarda giňişleýin tanyşdyryldy. Hytaý kompaniýalarynyň öndürýän ýükleýji, ýük daşaýjy, beton garyjy we beýleki tehnikalary ýokary kuwwaty hem-de görnüşleriniň köpdürlüligi bilen tapawutlanýar. Serginiň çäklerinde Hytaýda öndürilen ýeňil awtoulaglar hem görkezildi. Ýurdumyzyň birnäçe işewürleri ýöriteleşdirilen tehnikalary we awtoulaglary getirmekde hytaý kompaniýalarynyň ýakyn hyzmatdaşyna öwrüldiler.

29-njy aprelde Türkmen-hytaý işewürler forumy geçirildi. Onuň dowamynda





Serginiň giň meýdançasynda gurnalan 70-den gowrak diwarlykda Hytaýyň köpugurly döredijilik hem-de innowasion mümkinçilikleri giňişleýin tanyşdyryldy. Şeýle-de bu giň gerimli çärä dürli kysymly şäheriçi, şäherara we syýahatçylyk gatnawlary üçin niýetlenen ýolagçy awtobuslaryny öndürýän hytaý kompaniýalary hem gatnaşdylar. Gözden geçirilişe awtoulaglar üçin dürli ätiýaçlyk şaýlary, hereketlendirijileri, akkumulýatorlary we tekerleri öndürýän kärhanalaryň hem birnäçesiniň gatnaşandygyny bellemek gerek.

Sergide telearagatnaşyk enjamlaryny, emeli aň tehnologiýalaryny, robotlary öndürýän, iri maglumat merkezlerini gurmaga ýöriteleşen kompaniýalaryň diwarlyklarynyň ýany hem köp adamly boldy. «Akylly» şäherleri ösdürmegiň, logistikada uçarmansyz uçýan enjamlardan peýdalanmagyň döwrebap mümkinçilikleri bilen tanyşdyrýan, geçiriş nokatlarynda awtoulaglaryň we adamlaryň bökdençsiz barlagdan geçirilmegi üçin döwrebap anyklaýyş

Türkmenistan bilen Hytaýyň arasynda dürli ugurlarda özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Forumda çykyş edenler döwletara gatnaşyklaryň ykdysady görkezijileri, ýurdumyzda döredilen amatly maýa goýum mümkinçilikleri barada giňişleýin durup geçdiler. Mejlisde ýangyç-energetika pudagynda durmuşa geçirilen we badalga berlen taslamalar barada giňişleýin durlup geçildi. Nygtalyşy ýaly, bu ugurda uly mümkinçiliklere eýe bolan Türkmenistan tebigy gazy Hytaýa eksport edýän esasy döwletleriň biridir. Şeýle-de bu pudak üçin ýöriteleşdirilen tehnikalar bilen üpjünçilikde, gazhimiýa pudagynyň infrastrukturalaryny döwrebaplaşdyrmakda özara gatnaşyklar üçin açylýan mümkinçilikler beýan edildi.

Senagat, gurluşyk, ulag-logistika, sanly ösüş we oba hojalyk toplumlarynda türkmen-hytaý hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň mümkinçilikleri hem mejlislerde ara alnyp maslahatlaşyldy.





## «Amul – Hazar» atly ýörişi geçiriler

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda giňden bellenen Türkmen bedewiniň milli baýramynyň çäklerinde ahalteke atlaryna hormatsarpanyň belent nusgasy hökmünde Aşgabat atçylyk sport toplumynda meşhur Pyýada atly ahalteke bedewiniň ajaýyp heýkeli açyldy. Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde keremli türkmen topragynda ady rowaýata öwrülen behişdi bedewlerimiziň, meşhur seýislerimiziň atlary ebedileşdirilýär. Täze taryhy eýýamymyzda şöhratly bedewler bolan Ýanardagyň, Polatlynyň, Akhanyň hormatyna bina edilen heýkeller munuň aýdyň mysalydyr. 2

## Mekdep okuwçylarynyň halkara üstünligi

Bedew batly ösüşleriň mekany bolan berkarar Watanymyzda milli bilim ulgamy täze belentliklere çykýar. Ýaş nesli hemmetaraplaýyn kämil şahsyýetler edip ýetişdirmekde döwlet derejesinde toplumlaýyn işler durmuşa geçirilýär, bilim ojaklarynyň döwrebap binalary gurulýar, sanly bilim ulgamynyň ornaşdyrylyşyna aýratyn ähmiýet berilýär. Ýaşlara döwrebap bilim we terbiýe bermek bilen birlikde, beden taýdan sagdyn nesli kemala getirmegiň kämil hukuk-guramaçylyk binýady hem döredilýär. Bu binýatlyk ýörelgeleriň durmuşa geçirilmegi bilim ulgamynyň hukuk esaslaryny pugtalandyrýan kanunçylyk namalarynyň kabul edilmegi esasynda üpjün edilýär. Türkmen ýaşlary bu aladalara jogap edip, halkara ýaryşlarda uly üstünlikleri gazanýarlar. 2

### Goraghanalar giňeldilýär

Gazagystan ekologik deňagramlylygy dikeltmek we durnukly syýahatçylygy ösdürmek maksady bilen, 2035-nji ýyla çenli milli seýilgähleri giňeltmegi meýilleşdirýär. 4

### Awstriýanyň ýaşyl köli

Dünýäde 304 milliondan gowrak köl bar. Aňyrsy-bärsi görünmeýän bu suw giňişlikleri täsin tebigy gözellikleri emele getirýär. 5

### Londonda taryhy rekordlar goýuldy

Dünýäniň her ýyl geçirilýän iň uly 7 uly marafon ýaryşynyň 3-njisi bolan London marafony taryhy üstünliklere baý boldy. 7

### Parižde 9 golly taryhy duşuşyk

UEFA Çempionlar Ligasynda PSŽ bilen «Bawariýanyň» arasyndaky ýarym finalyň 1-nji duşuşygy ýatdan çykmajak nusgawy oýunlaryň hataryna adyny ýazdyrdy. 8

## Saz dünýäsinde ýönekeýleşme meýli

Täze ýylmy barlaglar nusgawy wagtyň geçmegi bilen has ýönekeýleşendigini ýüze çykardy. Italiýaly alymlaryň geçiren barlagynda 1600-nji ýyldan 2021-nji ýyla çenli döredilen 20 müňe golaý saz seljerildi. Gözlegleriň netijesinde, bu çylşyrymly žanrlaryň hem melodiýa, hem garmoniýa taýdan häzirki döwrüň meşhur sazlaryna meňzeş, has düşnükli gurluşa eýe bolýandygy anyklandy. Alymlar muny saz medeniýetiniň peselmegi däl-de, eýsem, sanly eýýamda adamlaryň has köpçülikleýin we hemmelere elýeter-



li dilde aragatnaşyk saklamaga bolan meýli bilen düşündirýärler.

Taslamanyň awtorlarynyň biri bolan Nikkolo Di Markonyň aýtmagyna görä, häzirki zaman kompozitorlary çylşyrymly gurluşlardan uzaklaşyp, has aýdyňlyga we gaýtalamalara üns berýärler. Bu bolsa sazyň hilini peseltmän, onuň diňe bir «başgaça çylşyrymlylyga» geçendigini we dinleýjiler üçin elýeterli bolandygyny görkezýär.

Bu barada ýylmy makala «Nature» žurnalynda çap edildi.

**Gülnar ATAÝEWA,**
*Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň talyby.*

## MEKDEP OKUWÇYLARYNYŇ HALKARA ÜSTÜNLIGI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýakynda Türkmenistanyň Bilim ministrliginde Russiýa Federasiýasynyň Moskwa şäherinde aprel aýynda geçirilen M.W.Lomonosow adyndaky Moskwa döwlet uni-



wersitetiniň guramagynda 60-njy Halkara Mendeleýew himiýa olimpiadasynda ýeňiş gazanan mekdep okuwçylaryny sylaglamak çäresi geçirildi. Bu olimpiada dünýäniň 37 döwletinden mekdep okuwçylarynyň 160-sy, ýurdumyzdan 4-si gatnaşdy.

Halkara Mendeleýew himiýa bäsleşiginiň jemi boýunça, Aşgabat şäherindäki Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumybilim beriýän mekdep-internatynyň 12-nji synp okuwçylary Rüstem Jumaýew bilen Diýar Döwletow kümüş, Aýlar Orunowa bilen 11-nji synp okuwçysy Pälwan Ilmämmedow bürünç medallaryň eýesi boldy. Munuň özi ýurdumyzyň topraryň jemi sylaglananlaryň arasynda 9-njy bolandygyny görkezýär.

Ýeňiji bolan okuwçylara möhüm synag – 10-19-njy iýulda Özbegistanda geçiriljek Bütindünýä himiýa olimpiadasynda ýurdumyza wekilçilik etmek jogapkärçiligi garaşýar.

**Gülşirin ÇARYGULYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň diller kafedrasynyň mugallymy.*

## «AMUL – HAZAR» ATLY ÝÖRIŞI GEÇIRILER

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Pyýada diýen mele bedew arassa ganly ahalteke atlarynyň iň naýbaşylarynyň biridir. Ol owadanlygy, kämil syn-sypaty, ýyndamlygy bilen uly meşhurlyga eýe bolupdyr.



Ýurdumyzda bedewleri ösdürip ýetişdirmek, olary seýislemek bilen meşgullanýan, milli gymmatlyk hökmünde nesilden-nesle geçirilip gelinýän atlaryň nesil ugruny mynasyp dowam etdirýän ussat atşynaslar, seýisler sarpalanýlar. Köpetdagyň eteginde binýat bolan Arkadag şäherinde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň, Atçylyk ylmy-önümçilik merkeziniň, Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkiniň gurulmagy munuň aýdyň subutnamasydyr.

2026-njy ýylyň awgust-sentýabr aýlarynda ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllygy mynasybetli Arkadag we Aşgabat şäherleriniň hem-de ýurdumyzyň welaýatlarynyň hersinden 5 atlynyň gatnaşmagynda jemi 35 baş bedewden ybarat bolan «Amul – Hazar» atly ýörişini geçirmek meýilleşdirilýär. Bu şanly senä gabatlanyp, paýtagtymyzdaky we welaýatlardaky atçylyk sport toplumlarynda baýramçylyk at çapyşyklary geçiriler. Şeýle hem ýurdumyzyň gözel künjeklerine atly syýahatlar guralar. Bu wakalar türkmen bedewiniň sarpasynyň belentdigínden nyşandyr.

**Saparmyrat MUKYMOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy.*

## Ýaz paslynda keselleriň öňüni almak üçin maslahatlar

☑ Ýaz paslynda günüň dowamynda howanyň derejesiniň aşa gyzan döwründe Günüň ýiti göni şöhlesinden goranmaly. Ýanyňyzda elmydama başgap, açyk reňkli nah matadan bolan ýaglyk we saýawan bolmaly.



☑ Sagdyn we kadaly iýmitlenmeli. Witaminlere hem-de mikroelementlere baý ter gök önümleridir miweleri iýmeli. Arassa agyz suwuny ýeterlik mukdarda içmeli.

☑ Ýiti iýmit zäherlenmeleriň we ýiti içege ýokanç keselleriniň öňüni almak maksady bilen, iýmit önümlerini, şeýle hem bejirelen gök önümleri iýeniňizde bildiriljän arassaçylyk talaplaryny dogry berjaý etmeli. Olary söwda merkezlerinden satyn almaly hem-de öý şertlerinde talabalaýyk, belgileniş nyşanynda görkezilen möhletine laýyklykda saklamaly we ulanmaly.

☑ Howanyň yssy günlerinde şöhlat önümlerini, kakadylan önümleri köp iýmekden saklanmaly. Işdäaçarlar taýýarlanylanda maýonezin ýerine ösümlik ýagyny ulanmak peýdalydyr.

☑ Ýaz paslynda dürli mör-möjekleriň tebigatda janlanýandygyny nazara alyp, olaryň çakmagyndan goranmaly.

☑ Ýurdumyzda ýola goýlan keselleriň öňüni alyş sanjymlaryny maşgala lukmanyňyz bilen maslahatlaşyp öz wagtynda almaly.

☑ Saglyk döwlet ätiýaçlandyrmasyny baglanyşyp, döredilen ýeňillikleriden peýdalanyp, ýylda bir gezek ýurdumyzda hereket edýän şypahanalarda öz saglygyňyzy berkitmeli.

***Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.***

## «Ulyssia» – iň uly ýahta

Germaniýanyň Papenburg şäherinde gurluşygyna başlanan «Ulyssia» atly ýapet gämi häzire çenli gurlan iň uly ýahta bolar. 2030-njy ýylda suwa goýberilmegine garaşylýan gämi diňe bir suw ulagy bolman, eýsem, suwuň üstündäki «ýaşaýyş jaý toplumyny» emele getirer. Uzynlygy 320 metre ýetjek gämide meýdany 110-1600 inedördül metr aralygynda 122 sany öý bolar.



Germaniýanyň Papenburg şäherinde gurujak gämi «öz ýaşaýjylaryny» dünýäniň iň uzak ýerlerine äkider. Ýapet gämi saglygy goraýyş enjamlary bilen hem üpjün ediler. Suw ulagynda islendik ýaşdaky adamyň öz öýünde ýaly ýaşamagy üçin ähli şertler dörediler. Gämi uludygyna garamazdan, Amazonka derýasynyň saý suwundan, Panama kanalynyň dar ýerinden, Sidneýiň pessejik köprüsiniň aşagyndan geçip biler. Ýangyç bilen işlejek gibrid gämi Gün energiýasyndan hem peýdalanar. Gäminiň ýeke-täk eýesi ýok. Gämidäki öýleri satyn alan adamlar gäminiň hem şärikli eýesi hasaplanar. Ýapet suw ulagy Şweýsariýada hasaba goýlar. Gämide 600 metrlik ylgaw ýodasy, golf meýdançasy, iki sany dikuçar meýdançasy we suwasty gämiler bolar.

Häzirki wagtda «Azzam» atly ýahta (180 metr) dünýäniň iň uly ýahtasy hasaplanýar.

**Hümmet HÜMMEDOW,**
*Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň «Ylym» neşirýatynyň hojalyk işleriniň müdiri.*

## Plastikden uçar ýangyjy öndüriler

«Clean Planet Technologies» kompaniýasy dünýäde ilkinji bolup, gaýtadan peýdalanyp bolmaýan plastik galyndylardan awiaýangyç öndürýän desgany işe girizdi. Iňlis kompaniýasynyň ýurduň Kent sebitinde açylan desgasy hem plastik galyndylary ýok edýär, hem-de awiasiýa pudagy üçin zerur bolan ýangyjy öndürýär. Bu ýerde gidrousulda gaýtadan işlemek arkaly öndürilýän ýangyjyň adaty awiaýangyçdan 70 göterim arassadygy bellenilýär.



Häzirki wagtda her günde 1 tonna plastik gaýtadan işlenýär. Ýurtda sarp edilýän ýangyjyň 2030-njy ýyla çenli 10 göteriminiň, 2040-njy ýyla çenli 22 göteriminiň bu usul arkaly öndürilmegi maksat edinilýär.

Kompaniýanyň ýolbaşçysy doktor Endrýu Odýo her günde 100 müň awiagatnawyň amala aşyrylýandygyny, şol bir wagtda 600 müň tonna gaýtadan işlemäge ýaramsyz bolan plastik galyndynyň emele gelýändigini belleýär. Ol bu galyndyny uly islegden peýdalanýan haryda öwürýändiklerini aýdýar.

**Nazimjan JUMAÝEW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Arylar sanap bilýärmi?

Alymlaryň köp wagtdan bäri «Arylar sanamagy başarýarmy ýa-da diňe şekilleri tapawutlandyryp bilýärmi?» diýen sowalynyň jogaby tapyldy. Arylaryň hasap-hesibe näderejede ökdedigi köp ýyl bäri biologlaryň ünsüni çekip gelýärdi.

Italiýadaky Trento uniwersitetinden newrolog Mirko Zanonyň hem-de Awstraliýadaky Monaş uniwersitetinden zoolog Skarlett Howardyň ýolbaşçylyk edýän topary bu ugurda täze ylmy işi tamamlady. Bilermenler arylaryň ukyplaryny adamyň garaýşy bilen däl-de, olaryň öz gözi bilen seljerdiler. Mundan ozalky barlaglarda bu jandarlara ýüzüne san ýa-da şekil ýazylan kartalary görkezmek arkaly sanamak öwredilipdi.



Şeýle usulda geçirilen synaglarda arylar 75-80% netije görkezipdirler. Käbir alymlar aryn gözüniň saýgaryşynyň adamyňkydan pesdigine ünsi çekip, ozalky barlaglarda arylaryň has uly bolup görünýän sanlary saýlan bolmaklaryny mümkindigini belleýärler. Täze barlagda bu ýagdaýlar göz öňünde tutulyp, gaýtadan seljeriş işi geçirildi. Netijede, has çylşyrymly bolup görünýän şekilleriň arynyň gözi bilen seredilende, gowy saýgarylmaýandygy ýüze çykaryldy. Alymlaryň bellemegine görä, bu ýagdaý arylaryň san sanap, ýagny bir zadyň mukdaryny tapawutlandyryp bilýändigini aňladýar.

Ylmy işiň netijeleri «Proceedings of the Royal Society B» žurnalynda çap edildi.

**Aýnur ÇUNGUŞOWA,**
*Ak bugdaý etrap merkezi kitaphanasynyň Berkarar şäherçe şahamçasynyň kitaphanaçysy.*



## Kolizeýde täze açyş

Italiýanyň Rim şäherindäki taryhy Kolizeý arenasynda geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde ýeriň astynda galan giriş sütünleriniň we binanyň käbir bölekleriniň üstünden baryldy. Arenanyň töwereginde saklanyp galan harabalyklar irki döwürlerde bu ýerde nähili gurluşlaryň bolandygyny bilmäge ýardam edýär. Tapylan bina galyndylary arassalanyp, görner ýaly edildi. Hünärmenler taryhy desgalary gorap saklamak we myhmanlara görkezmek üçin oýlanyşykly işleri alyp barýarlar. Ýüze çykarylan tapyndylar bu ýerde başga-da birnäçe inženerçilik desgalarynyň bolandygyny aňladýar.

Irki döwürde tomaşaçylar her bir sütüniň ýüzünde ýazylan sandan oturjak ýerlerini tapyp bilipdirler. Geçirilen işleriň netijesinde köpçüligiň geçmegi üçin gurlan dälizleriň uly bölegi asyl nusgasyndaky ýaly gaýtadan dikeldildi. Şeýle hem toplumyň suw drenaž ulgamy abatlandy. Bu bolsa ymaratyň uzak ýyllap abat saklanmagyna getirer. Her ýyl millionlarça syýahatçyny kabul edýän Kolizeý Rim imperiýasy döwri barada has ýakyndan maglumat almaga ýardam edýär.

**Meňli ATAMYRADOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Ýükçi robotlar işe başlady

Ýaponiýa howa ýollary kompaniýasy (JAL) ýurtda syýahatçy akymynyň artmagy sebäpli Tokiodaky Haneda aeroportynda adamsypat robotlary işledip başlady. Her ýylda 60 milliondan gowrak ýolagça hyzmat edýän bu howa menzilinde robotlar ýolagçylaryň goşlaryny we beýleki ýükleri gatnadyp başladylar. Synag maksatly iş 2028-nji ýyla çenli dowam eder. Robotlaryň bu kärde işledilmeginiň maksady adamlaryň fiziki işini azaltmakdan ybarat.




Metbugat üçin geçirilen tanyşdyrylyşda Hytaýyň «Unitree» kompaniýasynyň öndüren, boýy 130 santimetre ýetýän robotyň ýükleri konweýere ýerleşdirişi görkezildi.

Kompaniýanyň wekili robotlaryň fiziki taýdan kyn işleri bitirmeginiň işçiler üçin uly ýeňillik boljakdygyny mälim etdi. Şeýle-de bolsa, robotlaryň has çylşyrymly işleri adamyň gözegçiliginde amala aşyrjakdygy bellenildi.

Ýaponiýada ösen tehnologiýa, daşary ýurtly syýahatçylaryň sanynyň artmagy we ilatyň azalmagy şeýle çözgütleri döretmäge sebäp bolýar. Geçen ýyl ýurda baran syýahatçylaryň sany 42,7 milliona ýeten bolsa, şu ýylyň ilkinji 2 aýynda eýýäm 7 milliondan gowrak myhman «Günüň dogýan ýurduna» barypdyr.

**Annadursun ÝEGENOWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.*

## Uçýan taksiler synagdan geçirilýär

Nýu-Ýorkuň Jon F.Kennedi howa menzili (JFK) bilen Manhetteniň aralygynda howa taksisiniň ilkinji synag uçuşy amala aşyryldy. «Joby Aviation» kompaniýasynyň uçýan elektroulagy gury ýer arkaly 1 sagatdan gowrak wagtda geçilýän aralygy 7-10



minutda geçmäge mümkinçilik berýär. Synag uçuşlary 10 gün dowam eder. Uçýan taksi jemi 5 orunlyk (1 pilot, 4 ýolagçy) bolup, dikligine uçup hem gonup bilýär. Dolulygyna elektrik energiýasy bilen işleýändigi sebäpli batly ses çykarmaýar. Taslamanyň esasy maksady Manhettendäki dikuçar portlaryny ulanmak arkaly ulag dyknyşygyny azaltmakdan ybarat.

**Ezizhan BEREKETOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Panama kanalyndaky gatnaw artdy

Ýuwaş we Atlantik ummanlarynyň arasyndaky, uzynlygy 82 kilometre barabar bolan Panama kanalyndan geçýän gämileriň sany artdy. Kanaly dolandyrýan edaranyň wekilleri bu çylşyrymly suw desgasynyň söwda gämileriniň wagtyny tygşytlamak üçin uly ähmiýetiniň bardygyny belleýärler. Kanaldan geçýän gämileriň artýandygyna garamazdan, halkara söwda üçin ähmiýetli bolan desgada suwuň derejesiniň kadaly ýagdaýda saklanmagyny üpjün etmek üçin tagalla edilýär.



Emeli kanalda gämileriň geçişi üçin suwuň derejesini azaldyp hem ýokarlandyryp durýan ýörite ulgam hereket edýär. Geçen ýylyň oktýabr aýy bilen şu ýylyň mart aýy aralygyndaky 6 aýlyk döwürde jemi 6 müň 288 suw ulagy bu desgadan geçipdir. Gämileriň sany bir ýyl ozalky degişli döwürdäkiden 224 sany artyk bolupdyr.

Karib deňzi bilen Ýuwaş ummanynyň aralygyndaky kanalyň gurluşygyna 1881-nji ýylda başlanýar. Kanaldan ilkinji gämi 1914-nji ýylda geçýär. Taslamanyň esasy maksady, söwda gämileriniň Ýuwaş we Atlantik ummanlarynyň arasyndaky aralygy azaldyp, wagty tygşytlamak we ýük gatnawy üçin edilýän çykdajyny azaltmakdan ybaratdyr.

**Merdan HOJATOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy, maýor.*

## Tehnologiýa kompaniýalarynyň girdejileri köpeldi

Dünýäniň iri tehnologiýa kompaniýalary soňky 3 aýdaky girdejileri barada maglumat ýaýratdy. Tehnologiýa ägirtleriniň girdejileri bilermenleriň çaklamalaryndan ýokary boldy. «Alphabet» kompaniýasynyň girdejisi ýylyň birinji çärýeginde geçen ýylyň degişli döwründäkiden 22% ýokarlanyp, 109,9 milliard amerikan dollaryna ýetipdir. Geçen ýylyň degişli döwründe 90,2 milliard dollar girdeji gazanan «Alphabet»-iň arassa peýdasy bolsa, 81% ýokarlanyp, 62,6 milliard dollara ýetdi.




Elektron söwda bilen meşgullanýan «Amazon» kompaniýasynyň satuwy 17% artyp, 181,5 milliard dollara ýetdi. Geçen ýylyň degişli döwründe bu görkeziji 155,7 milliard dollar bolupdyr. Netijede, kompaniýanyň arassa peýdasy 77% artyp, 30,3 milliard dollara ýetdi.

«Facebook», «Instagram» we «WhatsApp» ýaly platformalara eýeçilik edýän «Meta» kompaniýasynyň girdejisi ýylyň üç aýynda 33% artyp, 56,3 milliard dollara ýetipdir. 2025-nji ýylyň birinji çärýeginde bu görkeziji 42,3 milliard dollar bolupdyr. Kompaniýanyň arassa peýdasy geçen ýylyň birinji çärýeginde 16,6 milliard dollar bolan bolsa, bu ýylyň başynda 61% ýokarlanyp, 26,8 milliard dollara ýetipdir.

Programma üpjünçiligi bilen meşgullanýan «Microsoft» kompaniýasynyň girdejisi 18% artyp, 82,9 milliard dollara ýetdi. Geçen ýylyň degişli döwründe 70,1 milliard dollar girdeji hasaba alnypdyr.

ZAMAN TÜRKMENISTAN
ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Maý aýynyň 1-i, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-118580
Belgisi: 18/1688
Tiražy: 10039
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat berіji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Ahalteke bedewleri ýurdumyzyň okgunly ösüşiniň nyşanyna öwrüldi

Golaýda ýurdumyzda giňden bellenilen Türkmen bedewiniň milli baýramy jemgyýetimiziň agzybirligini hem-de bitewüligini, häzirki nesilleriň ata-babalarymyzyň belent ruhy gymmatlyklaryna üýtgewsiz ygrarlylygyny aýdyň görkezdi. Aşgabat atçylyk sport toplumynda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli geçirilen baýramçylyk çäreleriniň öňüsyrasynda Aşgabat atçylyk sport toplumynyň öňünde meşhur ahalteke bedewi Pyýadanyň heýkeliniň



açylyş dabarasy boldy. Gözelligiň nusgasy bolan bu bedew Aşgabat şäherinde 1998-nji, 1999-njy, 2000-nji we 2001-nji ýyllarda geçirilen ahalteke atlarynyň gözellik sergileriniň ýeňijisi, 2008-2009-njy ýyllarda Özbegistan Respublikasynyň Daşkent şäherinde ahalteke atlarynyň arasynda geçirilen «Türküstanyň ýyldyzy» atly gözellik bäsleşiginiň baş baýragyna mynasyp boldy. Häzirki wagtda ýazky at çapyşygy möwsüminde üç-ýaşar atlaryň arasynda 1 müň 800 metr aralyga geçirilýän çapyşyklaryň ýeňijilerine onuň adyny göterýän «Pyýada» baýragy gowşurylýar.

«Ýylyň iň owadan ahalteke bedewi» atly halkara gözellik bäsleşiginiň jemleýji tapgyrynda behişdi bedewlere sarpa goýýanlaryň köpsanlysy esasy nesil ugurlarynyň binýadyny goýan şöhratly bedewleriň häzirki nesilleriniň täsin gözelligine baha bermäge mümkinçilik aldylar. Owadan, syratly, ajaýyp atlaryň 10-synyň arasyndan Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna degişli mele reňkli Hankerwen atly bedew iň owadan at hökmünde ykrar edildi. Halkara gözellik bäsleşiginiň ýeňijisine hormatly Prezidentimiziň degişli Buýrugyna laýyklykda, ak reňkli «Toyota Fortuner» kysymly ýeňil awtoulagyň açary, göçme kubok hem-de diplom gowşuryldy.

Şeýle-de uzak aralyga atly ýöriş bäsleşiginiň hem-de bedewleriň päsgelçiliklerden böküp geçmek boýunça bäsleşiginiň, bedewleriň gaýtalanmajak tebigy gözelligini sungat eserlerinde çeper beýan etmek ugrunda yglan edilen döredijilik bäsleşiginiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy boldy.

Behişdi bedewlerimiziň şanyna guralan baýramçylyk çäreleri ýurdumyzyň ähli künjeklerinde geçirilen köp sanly sergileri, maslahatlary, bäsleşikleri, sungat ussatlarynyň konsertlerini öz içine aldy. Baýramçylygyň öňüsyrasynda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde «Türkmen bedewi we dünýäniň seýisçilik sungaty» atly XVIII halkara ylmy maslahat geçirildi. Maslahatyň dowamynda ýurdumyzyň atçylyk pudagyny ösdürmekde aýratyn tapawutlanan atşynaslaryň birnäçesiniň «Türkmenistanyň at gazanan atşynasy» diýen hormatly ada mynasyp bolandygy yglan edildi. Maslahatda çykyş edenler häzirki döwürde Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary esasynda müňýyllyklaryň jümmüşinden gözbaş alýan atçylyk pudagyna kuwwatly itergi berlendigini nygtadylar.

Ahalteke atlaryna uly hormat goýýan we olaryň şan-şöhratyny dünýä ýaýýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de şu asylly başlangyçlary dowam etdirip, bu pudakda alnyp barylýan giň gerimli işleri yzygiderli üns merkezinde saklaýan hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak, alyp barýan işleri hemişe rowaç bolsun!

**Gülşat ATAMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# Sungat işgärleriniň sarpasy belent tutulýar

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda medeniýet we sungat işgärleriniň döredijilikli işlemekleri, ajaýyp eserleri döretmekleri, medeniýetimizi, sungatymyzy, milli mirasymyzy dünýä ýaýmaklary üçin ähli mümkinçilikler üpjün edilýär. Ýaş nesillerde milli medeniýetimize, sungatymyza, edebiýatymyza söýgi we höwes döretmekde alnyp barylýan işler täze taryhy eýýamda rowaçlyklara beslenýär. Bu bolsa täze ýaş zehinleriň ýüze çykmagyna, olaryň ýylba-ýyldan kämilleşmegine ýardam edýär.



Häzirki döwürde Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary esasynda halkymyzyň dünýä medeniýetinde özboluşly orun alan aýdym-saz sungatyny we medeni mirasyny düýpli öwrenmek, wagyz etmek babatdaky işler dowamat-dowama beslenýär. Edebiýat, medeniýet we sungat işgärleriniň sarpasy belentden tutulýar. Şunuň bilen baglylykda, türkmen kompozitory Weli Muhadowyň doglan gününiň 110 ýyllygyna bagyşlanan opera konsertiniň geçirilmegi, şol bir wagtda türki döwletleriň opera sungat ussatlarynyň bilelikde konsertiniň geçirilmegi türkmen medeniýetiniň halkara hyzmatdaşlykda täze derejelere çykýandygynyň aýdyň nusgasydyr. Weli Muhadow ähli babatda türkmen hem-de daşary ýurtly kompozitorlar üçin nusga bolup durýar. Ol zehinli türkmen kompozitorlarynyň ýetişmegine uly goşant goşan türkmen sungat ussadydyr, türkmen akademik saz sungatynyň gözbaşynda duran şahsyýetleriň biridir. Ol Daňatar Öwezow, Aşyr Kulyýew we Adrian Şapoşnikow dagy bilen bilelikde ilkinji milli opera eserlerini döretmäge gatnaşypdyr.

Weli Muhadow özboluşly zehini bilen žanr dürlüligine aýratyn üns beren kompozitordyr. Onuň eserleriniň içinden millilik eriş-argaç bolup geçýär. Döreden sazlarynda dutaryň ritmlerini, tüýdükde çalynýan sazlaryň äheňlerini aýdyň duýmak bolýar. Kompozitoryň döreden simfoniýalary türkmen simfonizminiň naýbaşy eserleri hasaplanýar. Olardan Magtymgulynyň ýadygärligine, Aýdogdy Tahyrowa bagyşlanan «Gahrymançylyk» simfoniýasyny, ejesiniň ýagty ýadygärligine bagyşlanan simfoniýany görkezmek bolar. «Gökdepe» simfoniýasy bolsa türkmen halkynyň özbaşdaklygy ugrunda alyp baran göreşlerini öz içine alýar. W.Muhadow fortepiano hem orkestr üçin konsertleriň awtory hökmünde-de giňden tanalýar.

Ömrüni türkmen saz sungatyny ösdürmäge bagyşlan kompozitoryň simfoniýalary, kantatalary, instrumental konsertleri, simfoniki sazlary we Çary Aşyrowyň poemasy esasynda ýazylan «Ganly sakanyň soňy» operasy, şeýle-de köpsanly wokal eserleri türkmen saz sungatynyň altyn hazynasyna girýär. «Bu derdi», «Gyzlar», «Nirde sen?», «Aşyklaryň şäheri», «Jan Türkmenistan», «Toý aýdymy», «Garlawaç», «Söýgülim gelýär» ýaly beýleki aýdymlary, dürli romanslary diňleýjileriň söýgüsini gazanyp, halkyň arasynda meşhurlygyny has-da artdyrýar.

**Mamajan AKYÝEWA,**
*Aşgabat şäher häkimliginiň «Bagt köşgi» toý dabaralary merkeziniň medeni-usulyýet merkeziniň baş hünärmeni.*

# Ekologiýa abadançylygy – milli rowaçlygyň kepili

Soňky ýyllarda Merkezi Aziýa döwletleri durnukly ösüşi we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmekde tagallalaryny birleşdirýärler. Astana şäherinde geçirilen Sebitleýin ekologiýa sammiti we Araly halas etmegiň halkara gaznasyny (AHHG) esaslandyryjy döwletleriň Baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisi bu ugruň nobatdaky möhüm tapgyryna öwrüldi.

Mejlisde ara alnyp maslahatlaşylan meseleler diňe bir suw meseleleri bilen çäklenmän, eýsem, tutuş sebitiň geljekki ykdysady we durmuş durnuklylygyny öz içine aldy.

Ýurdumyz üçin ekologiýa abadançylygy milli rowaçlygyň we durnukly ösüşiň aýrylmaz şertidir. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda, Gahryman Arkadagymyzyň tagallalary netijesinde ýurdumyz daşky gurşawy goramaga we tebigatdan rejeli peýdalanmaga aýratyn ähmi-




ýet berýär. Türkmenistan milli, sebit, halkara derejede ekologiýa hem-de howa meselelerini çözmäge saldamly goşant goşýar. Ýurdumyzda her ýyl geçirilýän ählihalk bag ekmek dabaralary munuň aýdyň mysalydyr. Bu asylly çäreler esasynda dag eteklerimiz we şäherlerimiz gülzarlyga öwrülip, amatly howa gurşawy döredilýär. Türkmenistan daşky gurşawy goramak boýunça halkara tagallalara işjeň gatnaşmak bilen, sebitde ekologiýa ýagdaýyny gowulandyrmaga, howanyň üýtgemeginiň ýaramaz täsirlerine, topragyň ýaramazlaşmagyna garşy durmaga gönükdirilen taslamalary hem öňe sürýär.

Hormatly Prezidentimiz bu sammitlerde serhetüsti suw serişdelerini rejeli we adalatly peýdalanmak meselesine aýratyn ünsi çekdi. Ýurdumyz serhetüsti derýalar we suw akymlary boýunça suw meseleleriniň şu üç esasy ýörelgäniň, hususan-da, suw meseleleri boýunça esasy konwensiýalaryň, beýleki halkara namalaryň berk berjaý edilmegi, serhetüsti derýalaryň ugrunda ýerleşýän ähli döwletleriň bähbitleriniň deň derejede göz öňünde




tutulmagy, bu işe halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň giňden gatnaşmagy ýörelgeleriniň esasynda çözülmeginiň tarapdary bolup çykyş edýär.

Sammite gatnaşyjy döwletleriň Baştutanlary Aral deňziniň sebitindäki ekologiýa ýagdaýyny gowulandyrmak boýunça amala aşyrylýan bilelikdäki taslamalaryň netijelerine ýokary baha berdiler. Häzirki wagtda diňe adaty usullar bilen däl, eýsem, ylmyň soňky gazananlaryny ulanmak arkaly netije gazanmak bolýar. Mejlisde Merkezi Aziýa üçin bitewi maglumatlar bazasyny döretmek meselesine seredildi. Bu bolsa suw serişdeleriniň we howanyň üýtgemeginiň gözegçiligini onlaýn tertipde alyp barmaga mümkinçilik berer. Türkmenistan döwletimiz AHHG-nyň işjeň agzasy hökmünde yzygiderli teklipler bilen çykyş edýär. Ýurdumyz sebitde «ýaşyl» ykdysadyýete geçmek, suw diplomatiýasyny ösdürmek we Aralýaka sebit üçin ýörite BMG Maksatnamasyny taýýarlamak ugrunda anyk ädimleri ädýär.

Sebitleýin sammit we Baştutanlaryň Geňeşiniň mejlisi Merkezi Aziýa döwletleriniň dostlukly we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryna ygrarlydygyny ýene bir gezek subut etdi. Aralyň ekoulgamyny dikeltmek ýoly uzak we çylşyrymly bolsa-da, bilelikdäki tagallalar bu meseläniň oňyn çözüljekdigine ynam döredýär.

**Azat ORAZOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Owazly ömrüň beýany

Geldigylyç Arazgylyjow diýlende, süňňüne saz, owaz siňen, gürlände-de sesi mukama, aýdyma çalym edýän berdaşly adam göz öňüne gelýär. Ol ýaşlyk möwsümine çenli-de, aýdym-saza imrinip gezýär. Ol çagalygyndan başlap, saz çalmagyň yşkyna düşýär. Oňa ata-enesi ses ýazýan enjamy satyn alyp berýärler. Ol şoňa dürli aýdymlary ýazdyryp, özi-de aýdymyň sözlerini ýat tutup, çaga sesi bilen hiňlenýär. Ylaýta-da, onuň saza üşügi güýçli ekeni. Akkordeonda, tarda, mandolina-da çalynýan sazlaryň heňine öýkünýär. Şeýlelikde, çagalykdan mekdebiň aýdym-saz gurnagyna gatnap, her güni mukam içinde geçýär. Geldigylyç dürli saz gurallaryny çalmagy öwrenýär. Ol sazanda hem aýdymçy bolup sahna çykýar.

1966-njy ýylda Gubadag etrabyndaky 14-nji orta mekdebi tamamlap, şol ýyl hem Aşgabatdaky medeniaň bilim tehnikumyna okuwa girýär. Geldigylyç bu okuw mekdebinde saz çalmak bilen meşgullanyp, sazandalaryň düzüminde çykyş edýär. Onuň saz çalmak ukyby bu ýerde has-da aýdyň ýüze çykýar. Ol dürli saz gurallarynda aýdym-sazlary ezberlik bilen ýerine ýetirýär.

G.Arazgylyjow 1969-njy ýylda medeni-aň bilim tehnikumyny üstünlikli tamamlap, öz dogduk obasyna – Gubadag etrabynyň Abadanlyk geňeşliginiň Gum obasyna dolanyp gelýär. Bu ýerde ol medeniýet işi bilen birlikde, aýdym-saz sungatyna aýratyn üns berýär. Dürli saz gurallaryny çalýan sazandalardan ybarat ýörite topar düzüp, ilki öz obasynda, soňra etrabyň dürli ýerlerinde aýdym-saz çykyşlaryny guraýar. Şeýle guramaçylyk ukyby bilen adygan Geldigylyç Arazgylyjowa etrap medeniýet bölümi tarapyndan 1979-njy ýylda etrap merkezinde çagalar sungat mekdebini açmak ynanylýar. Bu ýokary ynamdan ruhlanan Geldigylyç Arazgylyjow özüniň ýiti guramaçylyk ukybyny görkezip, çagalar sungat mekdebini döwrebap gurmagy başarýar. Ol ilki bilen bu sungat mekdebine ökde aýdym-saz mugallymlaryny çekip, okuw gollanmalary, saz gurallary, gerekli mekdep enjamlary bilen üpjün edip, okuwçylaryň bu ugurdan döwrebap bilim almaklarynda we saz çalmak endiklerini ösdürmekde möhüm işleri bitirýär.

G.Arazgylyjow halypa-şägirtlik ýoluna eýerip, ussat halypa bagşydyr sazandalary çagyryp, olar bilen çagalar sungat mekdebiniň mugallymlarynyň we okuwçylarynyň aýdym-sazly duşuşygyny geçiripdir. Söhbetli hem aýdym-sazly duşuşyk halypalaryň okuwçylaryň bilelikdäki konsertine öwrülipdir. Ol duşuşyklara Türkmenistanyň halk bagşylary Ilaman Annaýew, Tüýli Otuzow, Çuwal bagşynyň ogly, ussat gyjakçy Jumaguly Magtymgulyýew, bagşylar Begmyrat, Aýmyrat Annaýewler, bagşy hem ökde gyjakçy Şyhmyrat Jumaýew dagy gatnaşypdyr. G.Arazgylyjow köp bagşy-sazandalar bilen duz-emek bolmak bilen, olardan öwrenipdir we öz öwrenenlerini mugallymlar hem okuwçylar bilen paýlaşypdyr. Ol öz



işine has-da döredijilikli we yhlasly çemeleşmek bilen, aýdym-saza ökde şägirtleri ýetişdirýär. Olardan bagşy-sazandalar – Türkmenistanyň at gazanan artisti Gurban Gurbanowy, Ýusup Begjanowy, Ahmet Esenýazowy we başgalary görkezmek bolar. Gurban Gurbanow özüniň ýaşlyk ýyllaryny ýatlap, 1984-nji ýylda bu sungat mekdebini ilkinjileriň biri bolup, üstünlikli tamamlandygyny buýsanç bilen aýdýar. Ol özüniň bu ýerde sungata gönükmeginde halypasy G.Arazgylyjowyň beren maslahatlaryny hoşallykly ýatlap, halypanyň özüne kämillik gapysyny açandygyny buýsançly gürrüň berdi.

Meniň hem ýaşlygymyň bir bölegi Geldigylyç halypa bilen geçdi. Kakam Berdibaý Berdiýew (Osman bagşy) toýlarda aýdym aýdanda, ýanynda Geldigylyç aga gyjak çalardy. Ol gyjak çalmaga diýseň ökdedi. Olar, köplenç, öýümizde aýtmaly aýdymlary owaz gazanynda kemsiz bişirerdiler. Mydama tiňkämi dikip oturanymdanmy nämemi, birden Geldigylyç aga maňa bakyp: «Hany, sazanda bolsaň, «Hajygolagy» çal» diýdi. Men bu sazy bildigimden dutarda çaldym. «Boljak, saz üşügi, mukam düşegi «Hajygolakdadyr» diýdi. Geldigylyç halypa öýümize gelse, öýdäkiler begenýärdiler. Ol diýseň degişgen hem şoh adamdy, göýä onuň üçin bu dünýäde gam-gussa ýok ýalydy. Ol hemişe ýylgyryp gezerdi, ýylgyryp gürlärdi. «Ýüregi gözünden görnüp duran» diýilýän şeýle mylaýym, mähriban adamdy. Oňa çagalar sungat mekdebiniň ähli mugallymlary «Halypa» diýip ýüzlenýärdiler. Sebäbi olaryň hersinde Geldigylyç halypanyň öwreden okuwy, beren dersi bardy. Ol her bir mugallymyň okuw dersine gatnaşyp, oňa ýürekden ýylgyryp, şeýle mähribanlyk bilen özüniň iş tejribesini bagyş edýärdi.

Bir gezek Geldigylyç halypa çagalar sungat mekdebimiziň okuw otagynda gyjak çalýan okuwçylaryň saz ukybyny gözden geçirdi. Mugallymlaryň gatnaşmagynda geçirilen sapakda biz – ýaşlara gyjak çalmagyň inçe tärleri barada aýdanda, perdesiz gyjagyň perdesiniň ýüregiň perdesindedigini aýdyp, her kimiň öz zehinini yzygiderli taplap durmalydygyny belledi. «Şonda Baýram gyjakçy ýaly «iki gyjakçylyk» iş bitirersiňiz» diýdi. Mugallymlaryň biri:

– Halypa, «Iki gyjakçylyk» diýýäniňiz näme? – diýip sorady.

– Nazar Baganyň Baýram diýen gyjakçysy bolup, ol ýaş ýogalýar. Soňra onuň ýanynda iki gyjakçy Berdibaý bilen Öwez gyjakçylyk edýär. Bir gezek olaryň ýoly Baýram gyjakçynyň ýatan öwlüýäsiniň üstünden düşýär. Baýramyň başujunda doga okap, Nazar Baga suw-sil aglaýar. Soňra iki gyjakçysy halypadan ýarym-ýaş bolup aglandygynyň sebäbini soranda, ol:

– Neneň aglamaýyn! Baýram gyjak çalanda, iki gyjakçynyň owazyny berip bilýärdi. Indi meniň sesime siz iki bolup eýerýärsiňiz. Onsoňam Baýramdan öň men bakyýete giden bolsam, Baýram hiç bir bagşynyň ýanynda ömrüne gyjak çalmazdy. Ine, meniň namart ýerim – men henizem Baýramsyz dutar çalyp, aýdym aýdyp ýörün – diýip, başyny ýaýkaýar.

Geldigylyç Arazgylyjow hakynda ýagşy ýatlamalar il içinde ýaşap ýör. Ussat sazanda hem bagşy, ökde guramaçy ýolbaşçy, mähriban ynsan, türkmen şahandazlygynyň eýesi bolan G.Arazgylyjowly geçen ýyllar welaýatymyzyň bagşy-sazandalary üçin aýdym-saz sungatynyň inçe ýollarynyň açylan ýyllary boldy. Onuň sungat ýolundan ýöräp ýören şägirtleri bolsa, sungatyň täze gözleglerinde özlerini görkezýärler.

**Akmyrat REJEBOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby, dessançy bagşy.*

## «Zaman-Türkmenistanyň» arhiwinden

**Redaksiýadan:**

Agyn bolmasa, gazet-žurnal işgärleriniňdir žurnalistleriň arasynda «Gazet sahypalarynda taryh ýaşaýar» diýiläýmesi bar. Bu jümläniň näderejede hakykatdygyna «Zaman-Türkmenistanyň» geçen ýyllarda çap edilen sanlaryna göz gezdireniňde, has-da magat göz ýetirýärsiň. Täsin ýeri, olarda beýan edilen oý-pikirleriň hemişe tereňligini saklap galýandygydyr.

Biz hem gazetimiziň sahypalarynda çap edilip, öz döwründe okyjylaryň gyzgyn seslenmesini gazanan käbir makalalary täze rubrika astynda çap etmegi makul bildik.

*Şu ýerde gürrüňi edilen wakalaryň hersiniň üstünden tas 25 ýyla golaý wagt geçipdir.*




### SAGLYK

Bir gezek kyrk ýaşyny tegeläp ýören Rahman atly daýaw pyýada meşhur lukman Çary Baýryýewiň ýanyna baryp, aşgazanynyň agyrýanlygyndan, işdäsiniň ýoklugyndan, ukusynyň kemliginden zeýrenipdir. Onuň aşgazanyny, ýüregini, ödüni, garaz, «agyrýar» diýen ýerlerini iki günläp iş edinip barlapdyrlar. Ýöne howply zat ýok eken.

Soňra meşhur lukman bilen «syrkawyň» arasynda şeýle söhbetdeşlik bolupdyr. «Irden turup, on-ýigrimi minut maşk dagy edýäňmi? Agşamara, ukyň öň ýanynda gezelenç edýäňmi?». «Ýok». Çary aga oňa soňky sowalyny beripdir: «Bir ýylda 365 gün, 12 aý, 52 hepde bar. Her hepdede 7 gün, her günde 24 sagat bar. Şunça wagtyň dowamynda sen sagat bolmagyň üçin näme edýäň?!». «Syrkaw» ahmyr bilen başyny ýaýkapdyr. Çary aga oňa şeýle diýipdir: «Seniň özüň özüňe ýagy. Saňa lukmanyň, däri-dermanyň nepi degmez. Bar, ötägit!».

Rahman şondan bir aý geçip-geçmänkä her gün irden bir sagat ylgap, ýatmazynyň öň ýanam şonça wagt gezelenç edip başlapdyr. Häzir onuň ýaşy 80-iň onunda. Şol ylgap ýörşi. Şol ýyllary ýatlanda: «Maňa sagdyn ömür beren owal-a Allatagala, soňra-da Çary agamdyr, imanly bolsun bende» diýip, alkyş okaýar.

### BAÝLYK

Bir gezek Ýylanly etrabynyň (häzirki Garaşsyzlyk) Sapyş Çerkezow adyndaky daýhan birleşiginiň (şol mahallarky «Moskwa» kolhozynyň) başlygy Sapyş aga Aşgabada ýygnaga gelende, obadaşy, ýokary okuw mekdepleriniň birinde mugallym bolup işleýän Halmämmediň öýünde myhmançylykda bolupdyr. Ýeri gelende ýatlatsak, Sapyş aga 50 ýyl gowrak wagt başlyk bolan adamdy. Oňa Türkmenistanyň Gahrymany diýen at hem berlipdi.

Söhbetdeşlikde Halmämmet 9 gatly jaýyň 7-nji gatynda ýaşaýandygyny, 7 çagasynyňam, tüweleme, ýetişip gelýändigini, olary öýli-işikli etmegiňem uly alada goýýandygyny... janyny ýakyp, gürrüň beripdir. Şonda Sapyş aga özüniň şol wagtky ýolbaşçylyk edýän kolhozynyň Was düzlüginden täze ýerleri açyp başlandygyny, oňa şu wagtky işinden çykyp, oba barsa, 5-6 gektar ýer almaga, ony bejerip, ekip bermäge ýardam etjegini aýdypdyr. Ýarym gün oglan okadyp, galan wagtam paýtagtyň arassa köçelerinde ýakaňa pitikläp, köw-söw edip ýörmekden jübiň galňamajagynam gowja düşündiripdir. Häzir Halmämmet Wasda uly mülkdar.

Çagalarynyň ählisem, tüweleme, öýli-işikli, bilimli, hünärli adamlar. Hersiniň işiginde daşary ýurt ulagy ýalpyldap dur. Ol käteler täzeje ulagynyň rulunda özi oturyp, yzyna-da gyş gawunyndan, aw etinden, ýaňy soýlan çebşiň etinden, künji ýagdan... mas ýükläp, Aşgabada – çagalarynyňka, dost-ýarlarynyňka gezelenje gelýär. Iküç gün geçip-geçmänkä-de, «Wasda çaly-çerkezleriň, ýylgynlaryň müňbir dürli ysyny alyp durmasam, ýürek karar tapanok» diýibem yzyna gyp basaýýar.

### MERTEBE

Bir gün Kerim Gurbannepesow redaksiýalaryň birine salama gelende, Bägül atly ýaş gelin uly halypa goşgularyny okap beripdir.

Şol döwürde ol instituty tamamlap, mekdepde mugallym bolup işleýän eken. Kerim halypa oňa goşgularynyň heniz gowşakdygyny, şahyr bolmak üçin Azadydyr Magtymguludan başlap, ýazyjy-şahyrlaryň eserlerini ençeme gezek okap çykmalydygyny, her günem galamyny elinden düşürmän işlemelidigini aýdypdyr.

Bägül Kerim halypa mekdepde işiniň köpdügini, agzalan uly şahyrlaryň tomluklaryny edinmäge-de gaty kän pul gerek boljagyny, aýal maşgala üçin öýüň hysyrdylarynyňam az däldigini ýaňzydypdyr. Başga biri bolan bolsa, «Wah, jan jigi, beýle bolsa, goşgy ýazmak seniň borjuňa girenog-a» diýerdi welin, Kerim halypa şeýle sypaýy adamdy-da! Ol şahyr gelne: «Sen aýlyk-günlügini azrak görmeseň, häzirki işiňden çyk-da, kitaphana işe gir. Ol ýerde saňa Magtymguly, Nowaýy, Ferdöwsi, Puşkin, Lermontow, Baýron, Gýote, Tolstoý, Kerbabaýew... ýaly ägirtler halypalyk eder. Şonda ýazyjy-şahyrlygyň nämedigine gowja göz ýetirersiň. Ýa-ha häzirkiňden gowrak ýazarsyň, ýa-da ýazmaňy ymyklyja goýmalydygyňa akyl ýetirersiň» diýipdir. Aradan bir hepde geçip-geçmänkä Bägül kitaphana işe giripdir.

Häzir Bägüli ähli okyjylar diýen ýaly tanaýar. Goşgam ýazýar, kyssa-da. Gazet-žurnallarda her hepdede, aýda onuň onlarça makalasy, goşgular toplumy çap edilip dur. Gündogar, Ýewropa, umuman, dünýä edebiýatyny, taryhy, pelsepäni gowy bilýär. Galamyny ezber işletmegi başarýar. Edebi bäsleşiklerde ençeme gezek baýrak aldy. Goşgularyny, kyssa eserlerini, terjimelerini, gyzykly makalalaryny çap etmeli bolsa, azyndan 10-15 tomluk kitap boljak.

Şunça ýyllaryň dowamynda redaksiýalaryň köpüsi Bägüle iş hödürläp gördi. Ýöne ol henizem şol öňküje kitaphanasynda işläp ýör. Abraý-mertebe tapan ýeri-dä!

Biziň köpimiz Rahman aga, Halmämmet, Bägül ýaly onlarça, ýüzlerçe, belki, müňlerçe adamlar ýaly sagdyn bolmagy, gowy ýaşamagy, abraýly-mertebeli bolmagy arzuw edýändiris. Emma şol adamlar ýaly, akylly, tejribeli halypalar degerli maslahat bereninde, erkimizi mäkämden-mäkäm jylawlap maksadymyza ýetmek üçin bilegimizi pugta çyzgap, çynymyzy edip topulýarmykak?! Şu sowaly özümem özüme häli-şindi berip görýän. Gönimden gelmeli bolsam «hawa» diýib-ä jogap berip biljek däl.

Sizem özüňiz biliň-dä! Bir ýagdaý welin hiç mahal üýtgemedik, üýtgemeýän, üýtgemeiek hakykat: olam her kimiň öz erkiniň öz elindeligi!

**Hudaýberdi DIWANGULYÝEW,**
*Türkmenistanyň halk ýazyjysy.*

# Murakaminiň täze romany

Dünýä belli ýapon ýazyjysy Haruki Murakaminiň «Kahonyň taryhy» atly täze romany 3-nji iýulda satuwa çykarylar. Bu barada ýazyjynyň eserlerini yzygiderli çap edýän Tokiodaky «Shinchosha» neşirýaty habar berdi.

Täze kitap Murakaminiň döredijiliginde möhüm waka bolar, çünki onda baş gahrymanyň keşbinde zenan çykyş edýär. Kitabyň ýordumy «suratly kitap döredýän» 26 ýaşly ýazyjy zenanyň ykbaly barada gürrüň berer.

Murakaminiň «Şäher we onuň gowşak diwarlary» atly soňky romany 2023-nji ýylda çap edilipdi. Okyjylar eserleri 40-dan gowrak dile terjime edilen ussadyň täze romanyna indi üç ýyl bäri garaşýarlar.



Haruki Murakami birnäçe gezek edebiýat boýunça Nobel baýragyna dalaşgärleriň sanawyna girizilipdi. Onuň eserlerinde adaty durmuş bilen hyýaly dünýä sazlaşýan, giň çäkleri gurşaýan taryh beýan edilýär, gahrymanlaryň başdan geçirýän duýgulary adaty bolmadyk ýagdaýlaryň gurşawynda açylýar.

Okyjylar we edebiýat tankytçylary Murakaminiň «Kahonyň taryhy» atly täze romanynda zenan keşbiniň näderejede ussatlyk bilen açylyşyna baha bererler. Sebäbi ýazyjynyň öňki romanlarynyň esasy gahrymanlary erkekler bolup, wakalar olaryň adyndan beýan edilýärdi, zenan keşpleri bolsa, kömekçi hyzmaty ýerine ýetirýärdiler.

**Kümüş GAZAKOWA,**
*Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Merkezi ylmy kitaphanasynyň daşary ýurt edebiýaty we halkara kitap alyş-çalyş bölüminiň müdiri.*

# «Uly kitap» baýragynyň dalaşgärleri mälim edildi

Russiýanyň «Uly kitap» (Bolşaýa kniga) milli edebi baýragy XXI möwsüminiň «Uzyn sanawyny» yglan etdi. Oňa dünýäniň 11 ýurdundan hödürlenen 465 eseriň arasyndan saýlanan 40 sany iň gowy kitap girdi. Bu sanawda meşhur ýazyjylar Sergeý Şargunowyň «Popowiç», Lew Danilkinyň «Palasso Madamy», Mihail Ýelizarowyň «Ýudol» we Zahar Prilepiniň «Tuma» ýaly eserleri bar. Andreý Astwasaturowyň ýolbaşçylyk edýän geňeşi tarapyndan düzülen sanawa 10 sany «Non-fikşn» we 30 sany «Çeper proza» ugurlaryndan eserler saýlanyp alyndy. Geňeşiň agzalarynyň pikiriçe, bu sanaw häzirki zaman rus edebiýatynyň täzeçil hem-de däpdessur gözleglerini we nusgawy edebiýat bilen arabaglanyşygyny doly şöhlelendirýär. Baýragyň «Gysga sanawy» 3-nji iýunda «Gyzyl meýdança» kitap festiwalyndan öň yglan ediler, ýeňijiler bolsa dekabr aýynyň başynda geçiriljek dabarada mälim ediler. 2006-njy ýyldan bäri berlip gelinýän bu abraýly baýrakda şu ýyl «Okyjylaryň saýlawy», «Nesilleriň saýlawy» we «Edebiýata goşan goşandy üçin» ýaly goşmaça ugurlar boýunça hem sylaglar gowşurylyp, «Litblog» bäsleşigine badalga berler.

НАЦИОНАЛЬНАЯ ЛИТЕРАТУРНАЯ ПРЕМИЯ «БОЛЬШАЯ КНИГА»

# Sosial ulgam ýerine kitap: täze başlangyç

Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron ýetginjekleri sanly garaşlylykdan halas etmek maksady bilen, aýda bir gezek «internetden daşlaşmak gününi» guramaga we sosial ulgamlaryň ýerine kitaba meýil etmäge çagyrdy. Halkara fransuz dili merkezinde 350 töweregi okuwçy bilen duşuşan Makron, sanly dünýäniň ýaşlaryň ünsüni sowýandygyny belläp, 15 ýaşa çenli çagalara sosial ulgamlary ulanmagy gadagan etmegiň tarapdarydygyny mälim etdi. Fransuz lideri bu çäräniň ýaşlaryň ruhy taýdan kämilleşmegine we jemgyýetçilik jogapkärçiligi-



niň artmagyna ýardam etjekdigini nygtady.

Häzirki wagtda Fransiýanyň Senaty 15 ýaşdan kiçi çagalar üçin sosial ulgamlary we ýokary synplarda ykjam telefonlary ulanmagy çäklendirýän kanun taslamasyny ara alyp maslahatlaşýar. Bu başlangyç diňe Fransiýa bilen çäklenmän, eýsem, tutuş Ýewropada hem giň seslenme döretdi. Beýik Britaniýanyň Premýer-ministri Kir Starmer hem dünýäniň iri tehnologiýa kompaniýalaryny çagalaryň internet howpsuzlygyny üpjün etmekde has kesgitli ädimleri ätmäge çagyrdy. Çagalaryň sanly enjamlary ulanmagyny çäklendirmek boýunça ilkinji karary geçen ýylyň dekabrynda 16 ýaşa çenli çagalara sosial ulgamlary gadagan eden Awstraliýa kabul edipdi.

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
gysga setirlerde

**Tbiliside «Trump Tower» gurlar.** «The Trump Organization» kompaniýasy Gruziýanyň paýtagtynyň Saburtalo sebitinde 70 gatly «Trump Tower» gökdirenini gurmagy meýilleşdirýär. Ýurduň iň beýik binasy boljak bu köpugurly taslamany dünýä belli «Gensler» binagärlik býurosy işläp taýýarlar. Gurluşyk işlerine Gruziýanyň «Archi» kompaniýasy hem gatnaşyp, toplumda ýokary derejeli ýaşaýyş jaýlary, restoranlar we söwda meýdançalary ýerleşer.



**Kofe ruhy saglygy goraýar.** Täze barlaglar her gün kofe içmegiň ruhy bozulmalaryň töwekgelçiligini azaldýandygyny görkezdi. Bu barada «Journal of Affective Disorders» neşiri habar berýär. 460 müňden gowrak adamyň gatnaşmagynda geçirilen barlaga görä, her gün 2-3 çaşka kofe içmek, esasan hem, erkeklerde dartgynlylygyň we gorky alamatlarynyň öňüni alýar. Alymlar muny kofeiniň düzümindäki maddalaryň nerw öýjüklerini goramagy bilen düşündirýärler.



**Hytaýda çylşyrymly demir ýol gurulýar.** Hytaý 2030-njy ýyla çenli iň kyn inženerçilik taslamasy bolan 330 kilometrlik Dali-Žuýli demir ýoluny tamamlamagy meýilleşdirýär. Daglyk we çuň jülgede gurulýan bu ýoluň diňe 133 kilometrlik bölegini gurmak üçin 10 müňlerçe işçi 14 ýyl sarp etdi. Jemi 34 köprüden we 21 ötükden ybarat bolan bu bägir uly desga Hytaýyň Günorta hem-de Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary bilen ulag we söwda gatnaşyklarynyň ösdürmegine mümkinçilik berer.



**Seýfden 32 müň ýewrolyk altyn çykdy.** Bawariýanyň ýaşaýjysy 15 ýewro satyn alan köne seýfiniň içinden bahasy 32 müň ýewro deň bolan 250 gramlyk altyn bölegini tapdy. Gurnaw wagtynda tötänleýin üsti açylan bu gizlin bölümdäki gymmatlygyň 90 ýaşly öňki eýesine degişlidigi we onuň ýadyndan çykarandygy anyklandy. Tapylan altyny täze eýesi hukuk goraýjy edaralaryň üsti bilen hakyky eýesine meýletin we höwes bilen gaýtaryp berdi.



**Monronyň «Mercedes»-i satylýar.** «Iconic Auctioneers» öýi merhum aktrisa Merilin Monronyň 1956-njy ýylda süren «Mercedes-Benz 170 S» ulagyny auksiona çykarýar. Aktrisanyň goly we «MM» monogrammasy bilen tassyklanan bu seýrek ulagyň bahasy 216 müň amerikan dollaryna çenli ýetip biler. Angliýada asyl çyzgylar boýunça doly dikeldilen awtoulag taryhy gymmaty we guratlygy bilen ünsi özüne çekýär.



**Emeli aň okuwlary.** «Digital Dubai» 50 müň döwlet gullukçysy üçin emeli aňy (EA) öwretmek boýunça «AI+» maksatnamasyny ýola goýdy. Bu taslama sanly hyzmatlary kämilleşdirip, işgärleriň EA gurallaryny ulanmak endiklerini ösdürmäge gönükdirilendir. Okuwlar dolandyryş strategiýalaryny hem-de işleri awtomatlaşdyrmagyň amaly usullaryny öz içine alýar.



**Rimiň mirasy ýüze çykaryldy.** Şweýsariýadaky Newşatel kölüniň düýbünden irki Rim imperiýasyna degişli 2 müň ýyllyk harby gämi we söweş arabasynyň bölekleri tapyldy. Arheologlar 60 metr uzynlykdaky meýdandan 150-den gowrak gymmatly tapyndyny ýüze çykaryp, arheologik barlaglary dowam etdirýärler. Reýndäki legionlara ýarag daşandygy çaklanylýan bu taryhy gymmatlyklar häzirki wagtda kölüň düýbünde ýörite wideo gözegçilik arkaly goralýar.



### TARYHDA ŞU GÜN

**1851-nji ýylyň 1-nji maýynda Londonyň Hrustal köşgünde dünýäniň ilkinji Bütindünýä sergisi dabaraly açyldy. Bu çäre iň täze tehniki oýlap tapyşlary we medeni gymmatlyklary bir ýere jemläp, senagat ösüşiniň täze taryhy döwrüne badalga berdi. Şazada Albertiň başlangyjy bilen guralan sergi döwrüň ylmy gazananlarynyň iň beýik dabaralanmasy hökmünde taryha girdi.**



# BEÝIK BRITANIÝANYŇ KOROLYNYŇ ABŞ-a SAPARY

27-30-njy aprel aralygynda Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Patyşalygynyň Koroly Karl III Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda döwlet saparynda boldy. Saparyň dowamynda Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Patyşalygynyň Koroly ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp bilen Ak Tamda duşuşyk geçirip, iki ýurduň arasyndaky taryhy we strategik hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýyny hem-de geljegini ara alyp maslahatlaşdy. ABŞ-nyň Prezidenti taryhyň dowamynda iki ýurduň iň ýakyn hyzmatdaşdygyny belläp, bu aýratyn gatnaşyklaryň geljekde hem pugtalandyrylýakdygyna ynam bildirdi. Taraplar häzirki zaman dünýäsiniň wajyp meselelerini çözmekde iki döwletiň tagallalaryny utgaşdyrmagynyň zerurdygyny nygtadylar.



Taryhy saparyň çäklerinde Korol Karl III ABŞ-nyň Kongresiniň bilelikdäki mejlisinde çykyş edip, umumy demokratik gymmatlyklaryň we halkara hyzmatdaşlygyň möhüm orny barada durup geçdi. Gepleşikleriň dowamynda taraplar howpsuzlyk, söwda we sebit meseleleri boýunça pikir alyşdylar. Korol Karl III Birleşen Ştatlaryň garaşsyzlygynyň 250 ýyllygyna bagyşlanan bu saparyň iki halkyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary täze derejä çykarjakdygyny belledi. Duşuşyklaryň netijeleri strategik hyzmatdaşlygyň ähli ugurlar boýunça ýzygiderli ösdürüljekdiginiň aýdyň subutnamasyna öwrüldi. Ak Tamda guralan dabaraly döwlet kabul edişliginden soňra, Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Patyşalygynyň Koroly Nýu-Ýork we Wirjiniýa ştatlaryna amala aşyran gezelençleri bilen bu taryhy sapar üstünlikli tamamlandy.



# Ýylyň iň täsirli 100 şahsyýeti

Dünýä belli «Time» žurnaly 2026-njy ýylda dünýäniň ösüşine iň güýçli täsir eden 100 adamyň sanawyny çap etdi. Bu abraýly sanawa dünýä liderleri, meşhur medeniýet işgärleri, öňdebaryjy alymlar we türgenler girizildi. Sanawyň esasy aýratynlygy – Hytaýyň Başlygy Si Szinpiniň bu sanawa 14-nji gezek girip, rekord goýmagydyr. Şeýle-de, sanawda ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp, Rim papasy Lew XIV ýaly şahsyýetler bar.

Žurnal bu ýylky gahrymanlaryny 6 ugra böldi. Syýasatda Mark Karny we Klaudiýa Şeýnbaum ýaly täze şahslar öňe saýlanan bolsa, sungat we moda äleminde Dakota Jonson, Ralf Loren we Wiktoriýa Bekhem ýaly meşhurlara ýer berildi. Sanawyň iň ýaş agzasy 20 ýaşly türgen Alisa Lýu, iň garrysy bolsa 96 ýaşly jemgyýetçilik işgäri Dolores Uerta boldy.

Sanawdaky her bir şahsyýeti tanyşdyrmak üçin ýörite makalalar taýýarlanyp, olary ýazmak işi beýleki dünýä ýyldyzlaryna ynanyldy. Mysal üçin, aýdymçy Teýlor Swift aktrisa Dakota Jonson barada öz pikirlerini ýazdy.

«Time» žurnaly 1923-nji ýylda esaslandyrylan, dünýäniň iň meşhur we abraýly hepdelik habarlar neşirleriniň biridir. Ol, esasan hem, her ýyl ýylyň ahyrynda «Ýylyň adamy» diýen derejesi we syýasatdan sungata çenli giň gerimli seljermeleri bilen tanalýar.

# Albaniýa: syýahatçylygyň täze ugry

Albaniýa özüniň eýýeterli bahalary, ajaýyp kenarýakalary we taryhy şäherleri bilen 2026-njy ýylda Ýewropanyň iň esasy syýahatçylyk merkezleriniň birine öwrülýär. Bu ýyl ýurtda täze kaşaň myhmanhanalaryň açylmagyna, wiza ýeňilliklerine we ulag düzüminiň döwrebaplaşdyrylmagyna garaşylýar. Italiýa we Gresiýa ýaly syýahatçy akymynyň aşa köp bolmagyndan kynçylyk çekýän ýurtlara alternatiwa hökmünde Albaniýanyň Alp daglary hem-de Adriatik we Ion deňizleriniň dury kenarlary uly gyzyklanma döredýär.

Ýurtda Ion deňziniň kenaryndaky «Green Coast Hotel», Durres şäherindäki «Crowne Plaza» we paýtagt Tiranadaky «Adorn Tirana» ýaly bäş ýyldyzly täze desgalar hyzmat edip başlar. Şeýle-de, 2026-njy ýylyň ahyryna çenli Wlýora Halkara howa menziliniň işe girizilmegi bilen ýurduň günorta kenarýakasyna barmak has-da aňsatlaşar. Häzirki wagtda Ýewropa Bileleşigi-



niň we Beýik Britaniýanyň raýatlary üçin wizasyz tertip dowam edýär. Saud Arabystanynyň raýatlaryna hem 2026-njy ýylyň ahyryna çenli wizasyz gelmäge rugsat berildi. Syýahatçylar Tirananyň medeni durmuşy, «Gök göz» (Blue Eye) tebigy çeşmesi we ÝUNESKO-nyň sanawyna giren Butrint milli seýilgähiniň gadymy ýadygärlikleri bilen tanşyp bilerler.

Dag syýahatyny söýýänler üçin Walbona we Tet obalarynyň arasyndaky pyýada ýollar, adaty «kulla» daş jaýlary we milli tagamlar hödürlenýär. Albaniýanyň bu mümkinçilikleri ýurdy diňe bir dynç alyş däl, eýsem, tebigat we taryh bilen tanyşmak isleýänler üçin hem özüne çekiji edýär.

# Howanyň üýtgemegi boýunça halkara sammit

24-29-njy aprel aralygynda Kolumbiýa Respublikasynyň Santa-Marta şäherinde howanyň üýtgemegi boýunça ýokary derejeli halkara sammit geçirildi. Dünýäniň 50-den gowrak döwletiniň wekiliýetleriniň gatnaşmagynda guralan bu forum häzirki zamanyň iň möhüm meseleleriniň biri bolan global ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek we energetika pudagyny döwrebaplaşdyrmak meselelerine bagyşlandy.



Halkara duşuşygyň dowamynda energetika ulgamyny düýpli özgertmek, hususan-da, gazylyp alynýan tebigy çeşmelerden ekologiýa taýdan arassa, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerine geçmegiň netijeli ýollary ara alnyp maslahatlaşyldy. Kolumbiýa bilen Niderlandlaryň bilelikde guran bu sammitiniň açylyşynda çykyş eden resmi wekiller «ýaşyl» tehnologiýalary ornaşdyrmagyň diňe bir daşky gurşawy goramak üçin däl, eýsem, döwletleriň energetika garaşsyzlygyny we durnukly ykdysady ösüşini üpjün etmekde hem strategik ähmiýete eýedigini aýratyn nygtadylar.

Sammitiň çäklerinde «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmek we zyýanly gazlaryň bölünip çykmagyny azaltmak boýunça Fransiýa we beýleki öňdebaryjy ýurtlar tarapyndan hödürlenen anyk «ýol kartalary» halkara tagallalaryny birleşdirmekde möhüm binýat hökmünde ykrar edildi. Kolumbiýanyň Prezidenti Gustawo Petro öz çykyşynda tropiki tokaýlaryň we ekologik ulgamyň goralyp saklanmagynyň tutuş adamzadyň geljegi üçin zerurdygyny belläp, dünýä jemgyýetçiligini bu ugurda ýokary jogapkärçilik görkezmäge çagyrdy.

Sammite gatnaşyjylaryň belleýşi ýaly, energetika howpsuzlygyny we durnuklylygyny gazanmak diňe parahatçylygyň hem-de abadançylygyň esasy girewi bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, halkara derejesindäki gepleşikleriň yzygiderli häsiýete eýe bolmagynyň we kabul edilen çözgütleriň iş ýüzünde durmuşa geçirilmeginiň ähmiýeti bellenildi.

# ÝEŇIJILER BELLI BOLDY

Ýewropa Komissiýasy we «Europa Nostra» guramasy tarapyndan berilýän «Ýewropanyň medeni mirasy – 2026» baýragyna 18 ýurtdan 30-a golaý taslama laýyk görüldi. Bu abraýly baýragyň gowşurylyş dabarasy şu ýylyň 28-nji maýynda Kipriň Nikosiýa şäherinde geçiriler. Ýeňijiler medeni mirasy gorap saklamak, ylmy barlaglar, bilim we endikler, jemgyýetiň habarlylygyny ýokarlandyrmak hem-de miras gahrymanlarynyň hyzmatlary ýaly bäş ugur boýunça saýlandy.

Ýewropa komissary Glenn Mikallef bu taslamalaryň emeli aň arkaly töwekgelçilikleriň öňüni almakdan başlap, gurluşygyň adaty usullaryna çenli giň gerimi öz içine alýandygyny belläp, medeni mirasyň diňe bir geçmiş däl-de, eýsem, ösüşiň janly güýjüdigini nygtady. «Europa Nostra» guramasynyň başlygy Çeçiliýa Bartoli bolsa häzirki geosyýasy dartgynlylyk döwründe adamlary birleşdirýän gymmatlyklary goramagyň has-da möhümdigini aýtdy.

Baýraga mynasyp bolan taslamalaryň hatarynda Italiýanyň Bolonýa şäherindäki köne demir ýol menzilini medeni merkeze öwren «DumBO», Kipriň adaty sazandalarynyň taryhyny senede geçiren «Cypriot Fiddler» we Çernogoriýanyň gadymy «dobrot» keşdeçilik sungatyny dikelden «Pacijenca» ýaly işler bar. Şeýle-de, Fransiýanyň we Belgiýanyň Birinji jahan urşunyň front liniýasynda döreden «Parahatçylyk baglary» hem-de Maltanyň 1965-nji ýyldan bäri milli mirasyny goraýan Milli gaznasy iň oňat taslamalaryň hataryna girdi. Habarda bellenilişi ýaly, 12-nji maýa çenli dowam etjek onlaýn ses berişlik arkaly «Jemgyýetiň saýlawy – 2026» baýragynyň ýeňijisi hem kesgitlener.






# GORAGHANALAR GIŇELDILÝÄR

Gazagystan ekologik deňagramlylygy dikeltmek we durnukly syýahatçylygy ösdürmek maksady bilen, 2035-nji ýyla çenli milli seýilgähleriniň meýdanyny 20 müň inedördül kilometre çenli giňeltmegi meýilleşdirýär. Şunlukda, ýurduň goralýan tebigy zolaklarynyň umumy meýdany 332 müň inedördül kilometre ýetip, Polşanyň ýa-da Italiýanyň tutýan meýdanyndan hem geçer. Bu başlangyç «Biologik köpdürlüligi gorap saklamagyň we durnukly peýdalanmagyň 2026 – 2035-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynyň» bir bölegi bolup, ol Aralkum çölüginden Alatau daglaryna çenli bolan üýtgeşik landşaftlary gorap saklamagy, şeýle-de 8 müň inedördül kilometr meýdanda täze tokaýlyklary döretmegi göz öňünde tutýar.

Bu giň gerimli meýilnama diňe bir tebigaty däl, eýsem, sebitiň syýahatçylyk mümkinçiliklerini hem täze derejä çykarar. Taslamanyň çäklerinde Ile-Alatau we Kölsaý kölleri ýaly künjeklerde syýahatçylar üçin täze maglumat merkezleri, glampingler (amatly çadyr düşelgeleri), pyýada we atly gezelenç ugurlary döredilýär. Şeýle-de, ekologik obalary ösdürmek we ýörite hünärmenleri taýýarlamak arkaly ýabany tebigata, guşlara syn etmek we dag ýörişleri ýaly ekosyýahatçylyk ugurlaryna itergi berler. Bu çäreler häzirlikçe sany az bolan daşary ýurtly syýahatçylaryň we başdan geçirmeleri söýüjileriň ünsüni çekmäge gönükdirilendir.

Mundan başga-da, Gazagystan özüniň baý haýwanat dünýäsini goramak üçin düýpli ädimleri ädýär. Häzirki wagtda ýurtda ösümlikleriň 6 müňden gowrak, süýdemdiriji haýwanlaryň 178 we guşlaryň 500 görnüşi bar. Esasan hem, ýitip gitmek howpy astyndaky gar barsy, buhara sugunu we jeren ýaly jandarlary gorap saklamak, şeýle-de gaplaňlary, gulanlary we Prżewalskiniň atlaryny gaýtadan ýabany tebigata ugurulaşdyrmak işleri alnyp barlar. Aral deňziniň guran ýerlerinde sazak ekmek arkaly ekoulgamy dikeltmek işleri hem durnukly syýahatçylygyň ösmegine goşant goşar.

# «OpenAI» täze modelini tanyşdyrdy

«OpenAI» kompaniýasy özüniň iň kämil, akylly we intuiwatiw ulgamy hasaplanýan täze «GPT-5.5» emeli aň modelini resmi taýdan tanyşdyrdy. Täze model öňki nesillerden tapawutlylykda, ulanyjynyň isleglerine has çuňňur düşünmegi we köp basgançakly çylşyrymly wezipeleri (programmirleme, maglumatlary seljerme, resminama dörеtmek) yzygiderli görkezme talap etmezden, özbaşdak meýilleşdirip ýerine ýetirmegi bilen tapawutlanýar. Eýýäm «ChatGPT»-niň «Plus», «Pro», «Business» we «Enterprise» tarifleriniň ulanyjylaryna, şeýle hem «Codex» we API arkaly programmistlere hem-de täze hyzmatlary işläp düzüjilere tapgyrlaýyn elýeterli edilip başlanan «GPT-5.5» modeli, esasan, programmirleme, ofis işleri we ylmy barlaglaryň başlangyç tapgyrlary üçin niýetlenendir.

Synag netijelerine görä, «GPT-5.5» öňki «GPT-5.4» modelinden has ýokary netijeleri görkezip, «GitHub»-daky hakyky meseleleri we programma üpjünçiligini çylşyrymly amallaryny çözmekde uly ukyplaryny subut etdi. Kompaniýa bu modelde häzirki güne çenli iň güýçli howpsuzlyk mehanizmleriniň ornaşdyrylandygyny we onuň 200-e golaý hyzmatdaş tarapyndan mälim ýe, derman serişdelerini gözlemek hem-de aragatnaşyk ýaly ugurlarda düýpli barlanandygyny nygtaýar. Täze modeliň çykmagy bäsdeşligiň gyzyşan wagtyna gabat geldi: ýakynda «Anthropic» kompaniýasy örän güýçlüdigi sebäpli «Claude Mythos Preview» modelini hödürledi, «OpenAI» bolsa muňa jogap edip, kibergoranyş üçin ýöriteleşdirilen «GPT 5.4 Cyber» nusgasyny tanyşdyrdy.




# Içerki syýahatçylygy goldaýar

Portugaliýanyň hökümeti syýahatçylaryň ünsüni Lissabon we Porto ýaly aşa gür merkezlerden ýurduň içerki nokatlaryna çekmek üçin 11 million ýewrolyk täze taslamany durmuşa geçirýär. Maýa goýumlaryň 4,5 million ýewrosy gönüden-göni döwlet tarapyndan maliýeleşdirilip, olar Portugaliýanyň demirgazyk we merkezi sebitlerinde, şeýle-de Alentežu we Ribatežu ýaly ýerlerde tebigy, gastronomik, sagaldyş we medeni syýahatçylygy ösdürmäge sarp ediler. Bu başlangyç 2025-nji ýylda başlanan 30 million ýewro býujetli «Syýahatçylyk arkaly ösüş» maksatnamasynyň möhüm bölegidir.

Ykdysadyýet ministri Kaştru Almeýda bu taslamalaryň esasy maksadynyň Portugaliýanyň syýahatçylyk kartasyny täzeden gurmakdygyny belledi. Onuň sözlerine görä, uly şäherler döwlet goldawy bolmazdan hem ösüp bilýän bolsa, içerki sebitlerdäki medeni we tebigy mirasy dünýä tanatmak üçin ýörite goldaw zerurdyr. Bu meýilnama diňe bir täze syýahatçylyk önümlerini döretmän, eýsem, taryhy binalary dikeltmek, «akylly» çäkleri ösdürmek we pudak işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak ýaly ugurlary hem öz içine alýar.

Bu ädim ýurtda «aşa syýahatçylyk» (overtourism) meselesiniň ýitileşen wagtyna gabat geldi. 2025-nji ýylda Portugaliýa 32,5 milliondan gowrak syýahatçy baryp, rekord derejede – 29,1 milliard ýewro girdeji getirdi. Hökümet maýa goýumlary ýurduň ähli künjeklerine deň ýaýratmak arkaly syýahatçylygyň ykdysadyýete tutuş ýyl boýunça durnukly goşant goşmagyny maksat edinýär.



# Şokoladyň we gowrulan ýeralmanyň ýurduna syýahat

Ýewropanyň merkezinde ýerleşýän Belgiýa syýahatçylary diňe baý taryhy we binagärligi bilen däl, eýsem, köçe tagamlary bilen hem özüne çekýär. Şokolad we gowrulan ýeralma (fri) diýlende, ilki bilen, Belgiýa ýadyňa düşýär. Gastronomiýada öňdebaryjy Ýewropa ýurtlarynyň biri hasaplanýan Belgiýa her ädimde dadyp boljak köçe tagamlary bilen görenleri haýran galdyrýar.

Mitraýet köçe tagamlarynyň iň meşhury hasaplanýar. Uzyn bagetiň içine gowrulan et, şöhlat, gowrulan ýeralma we pomidor goýulmasy salnyp taýýarlanylýan ullakan sendwiç Belgiýanyň nusgawy tagamlarynyň biridir. Belgiýanyň aşhanasy barada gürrüň edilende, şokolady agzaman geçmek mümkin däl. Ýurduň islendik şäherinden täze görnüşli şokolad dükanlaryny tapyp bolýar. Köçede iň köp satylýan süýji önümi şokolada batyrylan ýertudana bolup, taýajyga ildirilip berilýär. Ýolda ýöräp barýarkaň ýa-da gezelenç pursady şokoladly ýertudana iýmek köçe tagamlarynyň meşhurlygyny has-da artdyrýar. Mundan başga-da, elde taýýarlanylan içi maňyzly pralin hem syýahatçylaryň söýgüli süýjüligi hasaplanýar.

Belgiýada gyş aýlarynda, festiwallarda we ýarmarka sergilerinde olibol (hamyr topjagaz) hödür edilýär. Üstüne şeker külkesi sepilip, gyzgynlygyna iýilýän bu tagam pişmä meňzeýär. Hamyr topjagazlary kofe bilen bilelikde iýmek ýörgünli hasaplanýar.

Belgiýanyň köçelerinde gezelenç edip ýörkäň, wafliileriň tagamyny datmazdan, deňinden geçip bolmaýar. Süýji ysy bilen müşderileri özüne çekýän wafliler iki görnüşe bölünýär. Brýussel wafllileri ýukajyk we gönüburçluk şekilinde, daşy gyzgylt bolýar. Lýež wafliileriniň hamyry dykyz we tegelek bolup, üstüne karamel guýlup berilýär. Ýertudana, gyzgyn şokolad we gaýmak bilen bilelikde iýilýän lýež waflisi köçe tagamlarynyň bezegi hasaplanýar.






Bütin dünýäde meşhur fransuz ýeralmasynyň Watany bolan Belgiýada ýeralma iki görnüşde – tegelek we uzyn kesilip, gowrulan görnüşde satylýar. Ýeralmany iki gezek gowrup alýandyklary sebäpli, süýji hem-de lezzetli bolýar. Kagyza dolanyp berilýän bu tagam Belgiýanyň ýeralmanyň ýurdudygyny subut edýär.

**BELGIÝA BARADA**

Belgiýa syýahatçylyk pudagynda öňdäki orunlary eýeleýän ýurtlaryň biridir. Ýewropanyň demirgazyk-günbatarynda ýerleşýän bu ýurt demirgazykda Niderlandlar, gündogarda Germaniýa, günorta-gündogarda Lýuksemburg, günorta-günbatarda Fransiýa, demirgazyk-günbatarda Demirgazyk deňzi bilen serhetleşýär. Meýdany 30 müň 689 inedördül kilometre barabar bolan ýurtda 11,5 milliondan gowrak ilat ýaşaýar. Ýurtda aýdym-saz şüweleňleri, gül festiwallary ýygy-ýygydan geçirilýär.



Belgiýada ÝUNESKO-nyň hasaba alan 17 mirasy bar. Olaryň iň meşhury Brýugge şäheridir. Bu şäherde jaý edinmek isleýän adamlara berk düşündiriş işleri geçirilýär. Ýagny şäheriň gurluşygyny üýtgetmek, başga bir zatlar gurmak, hatda şäheriň diwarlaryna ýekeje çüý kakmak hem bolmaýar. Brýuggede ulanylýan düzgünler Belgiýanyň beýleki şäherlerinde duş gelmeýär.




# AWSTRIÝANYŇ ÝAŞYL KÖLI

Dünýäde 304 milliondan gowrak köl bar. Aňyrsy-bärsi görünmeýän bu suw giňişlikleri täsin tebigy gözellikleri emele getirýär. Şeýle täsin ýerleriň biri hem Alp daglarynyň gerşinde gizlenen ýaşyl köldür. Awstriýanyň Ştiriýa welaýatynda ýerleşýän ýaşyl köl (Grüner See) ýaz paslynyň gelmegi bilen, Alp daglarynyň depesindäki garlar eräp, suwdan dolýar. Tomsuň ahyrlaryna kölüň suwy kem-kemden çekilip, aşagyndaky seýilgäh ýüze çykýar. Seýilgähde birnäçe oturgyç, aýmança we basgançakly geçelgeler bar. Güýz we gyş paslynda kiçelip galýan ýaşyl köli synlamak we dynç almak üçin müňlerçe syýahatçy barýar. Gyşyna käte kölüň 1-2 metrlik suwy doňup, buz meýdançasy hem emele gelýär. Ýaz paslynyň gelmegi bilen oturgyçlar, agaç geçelgeler – seýilgäh ýene-de suwuň aşagynda galyp, suwasty gözellik emele gelýär. 2 müň inedördül metr meýdany eýeleýän seýilgäh «suwuň basmagy» netijesinde, 4 müň inedördül metre çenli ulalýar. Kölüň çuňlugy 12 metre çenli ýetýär. Her ýyl şeýle ýagdaýda gaýtalanýan bu tebigy hadysa köpleri haýran galdyrýar.



Kölüň ekologiýasyny arassa saklamak maksady bilen bu ýerde birnäçe çäklendirmeler girizilipdir. Kölde gaýykly ýüzmek, suwa düşmek, ot ýakmak we aw awlamak gadagan edilýär. Ýaşyl kölde dürli görnüşli balyklar, leňňeçler we ownuk suw jandarlary ýaşaýar. Kölüň düýbi daşly bolup, suwasty ösümlikler o diýen köp däl. Bu ýer maý we iýun aýlarynda has owadan görnüşe eýe bolýar. Ýaşyl köl 2014-nji ýylda Awstriýanyň iň owadan ýeri diýlip saýlandy. 776 metr belentlikde ýerleşýän bu kölüň temperaturasy köplenç 8 dereje ýylylykda saklanýar. Kölüň ýokarky kenarynda şol ýeriň nyşany hökmünde goýlan uzyn agaç oturgyç bar.

# Dünýäde iň köp öndürilýän gök-bakja önümi





Pomidor dünýäde iň köp öndürilýän gök önümleriň biridir. Maglumatlara görä, her ýyl dünýäde 182 million tonnadan gowrak pomidor öndürilýär. Bu bolsa umumy global gök-bakja önümçiliginiň, takmynan, 17 göterimini düzýär. Içi suwly we aýlaw-aýlaw çigitli bu bakja önüminiň esasy bölegi Hytaý we Hindistan ýaly Aziýa ýurtlarynda ýetişdirilýär. Iň köp ösdürilip ýetişdirilýän ikinji gök önüm bolsa, sogan bilen hyýardyr.

Itüzümler maşgalasyna degişli bolan pomidora ylmy dilde «Solanum lycopersicum» diýilýär. Ata Watany Günorta Amerika hasaplanýan bu ösümlik miladydan öňki 700-nji ýyllarda Meksikada öý şertinde ekilip başlanypdyr. XVI asyrda ispan syýahatçylary tarapyndan Ýewropa getirilipdir. Ilkibaşda zäherli hasaplanan gök önüm XVIII asyrda iýlip başlanýar. Ondan öň bezeg ösümligi hökmünde öýlerde ekilen pomidor XIX asyrda tutuş dünýä ýaýraýar. Pomidoryň zähersizdigi we saglyga peýdalydygy ýüze çykarylýança, «zäherli alma», «altyn alma», «söýgi almasy» ýaly sözler bilen atlandyrylýar.

**Häzirki wagta çenli hasaba alnan iň uly pomidoryň agramy 7,661 kilograma deň bolup, 2025-nji ýylyň 19-njy iýulynda köpçülige görkezildi. Rekorda giren äpet domingo pomidory ABŞ-nyň Waşington ştatynda ösdürilip ýetişdirildi.**



Pomidoryň 95 göterimi suwdan ybarat. C witamine, kaliý, folat we K1 witamine baý bu gök-bakja önümi düwnük hem-de ýürek kesselleriniň töwekgelçiligini azaltmaga ýardam edýär. Pomidor terligine, ýagny işdäaçar hökmünde iýilmek bilen bir hatarda, buglanyp bişirilýän naharlara, çorba goşulýar. Şeýle hem pomidordan tiz tagamlaryň ýanynda iýmek üçin ajy üwmeçler, pasta we şire öndürilýär. Pomidor göklügine ýygnalyp goýlandan soň hem bişmegini dowam edýär (gyzarýar).

Pomidor çigidi ilki plastik örtügiň aşagyna ekilýär. 3-6 hepdeden soň, ýagny çigitden şine çykyp, uly nahal bolandan soň, kiçijik çukur gazylyp, açyk meýdana ekilýär. Adatça, pomidor açyk meýdana mart aýynda ekilýär. Onuň köki 50 santimetr çuňluga ösýär. Baldagy bolsa 2-4 metre çenli ýetip bilýär. Ýyladyşhana şertlerinde ýetişdirilýän pomidoryň baldagy has-da uzyn bolýar. Soňky ýyllarda seçgi işleri netijesinde, pomidoryň dürli görnüşleri peýda boldy. Olaryň arasynda iň meşhurlary üzüm pomidory, alça pomidory, sary pomidor, armyt pomidory, gara pomidor we düýrmek pomidor hasaplanýar. Gök-bakja önüminiň kiçijik çerri pomidoryndan başlap, uly bifşteks pomidoryna çenli, gyzyl, sary, mämişi, ýaşyl we gyrmyzy reňkli 10 müňden gowrak görnüşi bar.



Pandalaryň iň halaýan iýmiti bambuk bolup, her gün 12-38 kilograma çenli bambuk ýapraklaryny iýýärler.

## ÇAGALAR DÜNÝÄSI

# Panda seýilgähine gezelenç

Dünýäniň täsin jandarlary barada söz açylanda, köpler alabeder aýylar hakynda gyzykly gürrüňe başlaýarlar. Dünýäniň ýekeje ýerinde – Hytaýyň Äpet panda milli seýilgähinde (Giant Panda National Park) duş gelýän alabeder aýylar endemik jandar hasaplanýar. 27 müň inedördül kilometr meýdany tutýan Äpet panda milli seýilgähi ýurduň Siçuan, Gansu we Şanhi welaýatlaryna çenli uzalyp gidýär. 1987-nji ýylda döredilen bu milli seýilgäh 67 panda goraghanasyny öz içine alýar. Panda Hytaýyň milli nyşany we dünýädäki iň eýjejik jandarlaryň biri hasaplanýar. Äpet panda milli seýilgähinde 1 müň 800-den gowrak panda ýaşaýar. Bu Hytaýda ýaşaýan pandalaryň 80 göterimini emele getirýär.

Pandalar alabeder reňki bilen meşhurdyr. Aýynyň bu görnüşi ak kellesi, gözüniň töweregindäki gara tegmilleri we gara gulaklary bilen tapawutlanýar. Bu jandarlaryň göwresiniň esasy bölegi ak sütük bilen örtülip, aýaklary we «elleri» gara bolýar. Pandalaryň boýy 1 metrden 2 metre çenli ýetýär. Agramy 70-den 160 kilograma çenli bolýar. Alabeder aýylaryň ortaça agramy 110 kilograma deň. Pandalar iýmitlenmek üçin «ellerini» ulanýarlar. Alabeder aýylaryň iň halaýan iýmiti bambuk bolup, her gün 12-38 kilograma çenli bambuk ýapraklaryny iýýärler. Pandalar gününiň 12-14 sagadyny iýmitlenmek bilen geçirýärler. Bellenilmegine görä, eýjejik jandarlar tekiz ýerde ösen bambuga görä, dag eteklerinde, belentlikde ösen bambuk ýapraklaryny has gowy görýärler.




Seýilgähde her panda aýratynlykda ideg edilýär. Kiçijik pandalar doglandan 3 aýdan soň ýöräp başlaýarlar. Bu jandarlar 4 aýa çenli gözegçilikde saklanyp, soňra «çagalar bagyna» berilýär. Panda 1,5 ýaşanda agramy 50 kilograma ýetýär. Ýagny, bu jandarlar haýal ulalýar. 2 ýaşly pandalar özbaşdak ýaşamaga ukyply bolýar.

Äpet panda milli seýilgähine her gün ortaça 30 müň, dynç günleri 60 müňe çenli syýahatçy barýar. Seýilgähiň esasy myhmanlary çagaly maşgalalar bolup, pandalary ýakyndan synlamaga we tebigatda özüni alyp barşy bilen tanyşmaga mümkinçilik alýarlar. Seýilgähde çagalara pandalar barada wideorolikler görkezilip, multimediýa sapaklary hem geçirilýär. Şeýle hem panda muzeýine gezelençler guralyp, panda stadionynda oýunlar oýnalýar. Seýilgähde panda öýjagazlary, panda «restorany» we panda hassahanasy bar. Şeýle hem ýodalarda panda heýkellerini görmek bolýar. Seýilgähiň girelgesindäki we merkezindäki dükanlardan kiçijik panda oýnawaçlaryny, daşynda pandanyň şekili bolan depderleri, ruçkalary, galamlary satyn alyp bolýar. Seýilgähdäki iň meşhur haryt panda täji bolup, bu täji geýip aýlanmak ýörgünli däp hasaplanýar.

# JÜÝJE ÝUMURTGADAN NÄDIP ÇYKÝAR?

**Ýaz paslynyň gelende janly-jandarlaryň köpüsi köpelmek bilen bolýar. Howa maýlap, eýýäm garlawaçdyr ýabany guşlar höwürtge gurup, ýumurtgalamaga başlaýarlar. Öý towugy, hindi towugydyr ördekler hem jüýjelemek üçin ýumurtga basyp başlaýar. Eýsem, jüýje ýumurtgadan nädip çykýarka?!**

Ene towugyň yzynda birnäçe jüýjesini tirkäp ýörendigini göreniňde, jüýjäniň ak we sary suwuklygyň içinde nädip kemala gelýändigi we ýumurtgadan çüňk urup çykyşy barada pikir döreýär.



Öý towugy kürk bolanda (ýumurtganyň üstünde ýatmagy) bedeniniň gyzgynlygy 40-41 derejä (adaty ýagdaýda 37-38 dereje) çenli ýokarlanýar. Bu gyzgynlyk ýumurtganyň içinde jüýjäniň döremegi we ösüp başlamagy üçin zerur bolup durýar. Kürk towuk çüňki bilen ýumurtgalary ýygy-ýygydan eýläk-beýläk öwrüp, ýerini üýtgedip durýar. Bu bolsa gyzgynlygyň ýumurtgalara deň düşmegini üpjün edýär. Jüýje ýumurtganyň agyndaky kiçijik tohumdan döreýär we ýumurtganyň sarysy bilen iýmitlenip kemala gelýär. Ýumurtganyň gabygyndaky 17 müňden gowrak kiçijik gözeneklerden bolsa howa we çyglylyk geçip, jüýjäniň ýumurtganyň içinde ýaşamagyna şert döredýär. Ýumurtganyň gabygy (kalsiý) bakteriýany we wirusy içeri geçirmän saklaýar. Adatça, öý towugy 21 günde jüýje çykarýar. Ýöne eýýäm 18 günden soň, jüýje «akja gümmezden» çykjak bolup, dowamly hereket edip başlaýar. Aýagy we çüňki bilen ýumurtganyň her ýerine urup, deşik we jaýryk emele getirýär. Jüýje ýumurtgadan çykmazynyň öňýany ýumurtganyň galan sarysyny hem bedenine siňdirýär. Bu bolsa «täze doglan» jüýjäniň ilkinji 48 sagadyň dowamynda iýmitsiz we suwsuz ýaşamagyny üpjün edýär. Täze jüýjäniň bedeni ilkibaşda çygly bolýar. 4-5 sagat ene towugyň astynda ýatandan soň, endamy doly gurap, tüý bilen örtülýär. Saryja jüýjeler enesiniň yzyna eýgerip bilmän, iki-üç gün ikibaka yranyp ýöreýärler.






Öýdeçi guşlar bilen ýabany guşlaryň jüýjesiniň esasy tapawudy öý guşlarynyň jüýjesiniň ýumurtgadan çykan badyna ýöräp bilmegi we ýeleginiň bolmagydyr. Ýene bir tapawudy bolsa, özbaşdak iýmitlenip bilmegidir. Ýabany guşlaryň jüýjesini bir aýa çenli enesi agzynda iýmit daşap iýmitlendirýär. Öý guşlaryň çagasy jüýje (towuk jüýje, ördek jüýje, hindi towugynyň jüýjesi), ýabany guşlaryň çagasy bolsa, etene diýlip atlandyrylýar.

# Ýertudana meňzeş hytaý erigi

Liçi Hytaýda ösdürilip ýetişdirilýän örän gymmatly we peýdaly miweleriň biri hasaplanýar. Ylmy ady «Litchi chinensis» bolan bu miwä başgaça «hytaý erigi» hem diýilýär. Longan we rambutan ýaly miweler bilen bir maşgala degişli bolan liçi erik ýaly şireli hem-de hoşboý ysly bolýar. Daşyndan göräýmäge ýertudana meňzeýän bu miwäniň ululygy 2-6 santimetr aralygynda bolýar. Gabygy gara gyzyl ýa-da öçügsi gülgün reňkde bolýan liçiniň iýilýän bölegi marmelada meňzeş ak eti (şepbeşik) bolýar. Içinde uzyn goňur çigidi bolan hytaý erigini gabygyny we çigidini aýryp iýmeli.

Liçi örän näzik miwe hasaplanýar. Miwäni uzak wagtlap saklap ýa-da alys ýere äkidip bolmaýar. Şol sebäpli bu miwe Tailandda we Hytaýyň käbir sebitinde şahasy bilen bilelikde kesilip, edil gül dessesi ýaly satylýar. Şeýlelikde, bu miwäni uzak wagt saklap ýa-da islän ýeriňe äkidip bolýar. Hytaý erigini sowadyjyda bir aýa çenli saklanýar. Liçi zaýalananda ilki gabygy gurap başlaýar we erbet ys döreýär. Hytaý erigi terligine iýilmek bilen bir hatarda, gaplanan görnüşde hem satylýar. Liçiden süýji içgiler, doňdurma, želе, zefir taýýarlanylýar. Bu miwäni käbir kompaniýalar şeker önümçiliginde hem ulanýarlar.




Liçi hemişe ýaşyl öwsüp oturan adybir tropik agaçda bitýär. Boýy 6-15 metre çenli ýetýän bu agaç örän haýal ösýär. Hytaýyň günortasynda, Wýetnamyň demirgazygynda we Kambojada ösdürilip ýetişdirilýän liçi agajy ýyly howany, çyglylygy we Gün şöhlesini halaýan ösümlikleriň biridir. Şahalarynyň ujunda düzüm-düzüm hasyl getirýän bu agajyň miwesi maý-iýun aýlarynda ýetişýär. Uzak ýaşaýandygy bilen tapawutlanýan liçi agajy 50-100 ýyla çenli hasyl berip bilýär.

**Labirint**



**10 tapawudy tapyň!**



**Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!**





Üç ölçegli suratyň içinde başga bir şekil gizlenen. Ony görmek üçin «gözüň bilen seretmeli, beýniň bilen görmeli». Suraty gymyldatman saklap, bulam-bujar şekiliň aňyrsyna serediň we biraz wagtdan gözüňizi ýuwaşlyk bilen suratdan daşlaşdyryň! Başga bir şekil peýda bolar.
**Birinji gezekde görüp bilmeseňiz, az-kem dynç alyp, täzeden synanyşyň!**




## 21-nji KROSSWORD

**DIKLIGINE:** **1.** Fizikanyň sesi öwrenýän bölümi. **2.** Köpýyllyk, ýarym gyrymsy ýabany ösümlik. **3.** Pil saplananda çüýüň üstünden goýulýan ýasyja demir bölegi. **5.** Ýaňy işbilden jan giren balyk çagajygy. **6.** «Ýelkenlä ýetdirmez, ýetdirse-de tutdurmaz» (matal). **7.** Gök gürlände howada birden ýüze çykýan ot şekilli ýalpyldy. **8.** Gezip ýören gezende, derwüş. **12.** Gynanç bildirilip tutulýan matam. **14.** Dört çaryýarlaryň biri. **18.** Süýt önümi. **20.** Bugdaý, arpa ýaly däne gömlüp saklanylýan çukur. **22.** «Dagdan indim, daşdan indim» (matal). **25.** Bir zadyň ýa-da biriniň daş görnüşi, keşp. **26.** Suwy akdyrmak üçin ýerasty geçirijileriň ulgamy. **27.** Ýaly, guýrugy ak, çypar reňkli at. **29.** Ýurdumyzda bir derýa. **30.** Ylymly, parasatly, ile görelde bolýan, ýaşuly. **31.** Iri göwreli, çemesiz. **37.** Kirişli saz guraly. **39.** Gawunyň bir görnüşi. **41.** Atlara bezeg üçin dakylýan esbap. **42.** Küşt oýnunda oýunçynyň öz şasyny howp astynda goýup göçmeli bolýan ýagdaýy. **43.** «Bir azajyk mawuja, degen ýeri awuja» (matal). **45.** Belli bir işiň başyny tutmaýan, ýalta. **47.** Howatyrlanyp hereket edýän, hüşgär. **50.** Oglan ady. **51.** Täsin, haýran galdyryjy. **53.** Ýüz, ýaňak, keşp sözleriniň nusgawy edebiýatda aňladylyşy. **54.** Ýer işlerinde, daş goparmak üçin ulanylýan ujy çiş demir. **56.** Belki, ähtimal.

**KESELIGINE:** **4.** Dört ýaşyndaky goýun. **9.** Bedeni syhsyh, ala uzyn tikenli jandar. **10.** Halynyň älemine salynýan ortasy goçakly, ganat şekilli nagyş. **11.** Şar görnüşli uçurylýan oýnawaç. **12.** Ýasy baldaklaryndan örme zatlar ýasalýan köpýyllyk ösümlik. **13.** Suwda ýaşaýan oňurgasyz jandar. **15.** Italiýada bir wulkan. **16.** Ýewropada bir derýa. **17.** Uzyn murtly, göni ganatly mör-möjek. **19.** Bedewlere dakylýan at. **21.** Reňk. **23.** Öten zaman ortak işliginiň goşulmasy. **24.** Hažžyga meňzeş süýreniji. **26.** Nota. **28.** Boş, ugursyz gürrüň edip ýören, ýaňra. **29.** Düýeguşuň bir görnüşi. **31.** Edermen, gaýratly. **32.** Agyry, ynjy. **33.** Arap elipbiýiniň bir harpy. **34.** Pilçe süňküniň ujundaky ýumşak kekirdewük. **35.** Göwräni kelle bilen birikdirýän içi ýilikli süňk. **36.** Ýyrtyjy jandar. **38.** Ýylan (köne söz). **39.** «... ady bilen, ýigit ody bilen» (nakyl). **40.** Birine degişli bolan haryt, emläk. **42.** Içi zaýalanan, içi düşen ýumurtga. **44.** Awtoulag kysymy. **46.** «Çenli, deňiç» sözsoňy kömekçilerine manydaş kömekçi söz. **48.** Ýüplük egirmek üçin gural. **49.** Uçar kysymy. **50.** Ilkinji ynsan. **52.** Perişdeleriň biri. **55.** Towugyň ýumurtga basyp ugraýan wagtyndaky ýagdaýy. **57.** Rus halkynda Olga adynyň söýgülenip atlandyrylyşy. **58.** Niýet, isleg. **59.** Elguş oturar ýaly ýörite edilýän, sokudaş görnüşli beýiklik. **60.** Ussanyň iş guraly. **61.** Sugunyň başgaça atlandyrylyşy. **62.** Sabyrly, kaýyl bolýan. **63.** «Alym gül getirer, ... — bal» (nakyl).

## 15-nji SKANWORD




**Hajar TÄÇMÄMMEDOWA,** *Ak bugdaý etrap merkezi kitaphanasynyň kitaphanaçysy.*

## 22-nji KROSSWORD



**KESELIGINE:** **1.** Kanadanyň kommun şäheri. **5.** Reňk. **12.** Parahat, rahat. **13.** «Güldüräp suwny akar-da, öresi lerzan ...» (Andalyp). **14.** Oglan ady. **15.** «Gyz – gylygy bilen, ... – edebi bilen» (nakyl). **16.** Sazandalar topary. **17.** Gurluşyk enjamy. **20.** Üznüksiz iş prosesi we işleýän elementiň aýlanýan hereketi bolan enjam. **23.** Hindi jemgyýetinde adamyň derejesi. **25.** Aýlaryň biri. **26.** Ýylanyň bir görnüşi. **28.** «Hem ..., hem tüjarat» (nakyl). **29.** Uly, uzyn murtly. **31.** Anbar, parfýum. **33.** Kertik ýapraklary bişirilip iýilýän ot. **36.** Dini bilimli adam. **40.** Gural, enjam. **41.** «... baba» gadymy ýadygärlikleriň biri. **42.** Ýüpek gurçugynyň pilesinden alynýan inçe süýümli önüm. **43.** Küşt oýnunda göçmek üçin pikirlenmäge wagtyň ýeterlikli bolmazlygy. **44.** Tropik miwe.

**DIKLIGINE:** **2.** Umman döwletleriň biri. **3.** Erkin, asuda. **4.** Miwe. **6.** Aýşy-... **7.** Aşhana guraly. **8.** Jadyly ertekilerde şekillendirilýän köp kelleli, uly hyýaly jandar. **9.** Piliň bir görnüşi. **10.** Oba hojalyk ulagy. **11.** Şir, gaplaň. **18.** Stol oýny. **19.** Gyz ady. **21.** Himiki element. **22.** Moskwanyň meşhur köçeleriniň biri. **23.** Matematika adalgasy. **24.** Ýabany pişigiň bir görnüşi. **27.** Bir zat hakynda ozal habary bar bolan. **28.** Hažžyk sypatly çöl jandary. **30.** Çyzylan suratlar görnüşli hekaýa. **32.** Müňkürlik, güman. **34.** Söweş sungatynyň bir görnüşi. **35.** Üşüksiz adam. **37.** Motoryň bir görnüşi. **38.** Gorky, howp. **39.** Oý, çöket ýer.

### 14-nji skanwordyň jogaby:

| | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| G | A | B | A | H | A | T | | B | | P | | B |
| | | O | | | Ý | | D | A | B | A | R | A |
| Ç | A | Ý | H | A | N | A | | R | | R | E | T |
| | | A | | G | A | B | A | H | A | T | | G |
| B | A | G | L | Y | | A | | A | R | A | | A |
| I | | Ç | | L | Ü | T | I | | A | | T | |
| T | O | Y | | | L | | Ý | A | K | M | A | K |
| A | | | M | Ü | Ň | | M | | S | Y | Ý | A |
| Ý | U | K | A | | I | N | E | R | | H | | I |
| | Ý | | Ý | | | E | K | E | N | | A | R |
| Ç | A | K | A | N | | | M | | Ý | | T | |
| A | | | | I | L | E | N | | A | M | A | N |
| L | I | W | I | Ý | A | | A | | T | A | B | A |
| I | | O | | E | D | I | L | | A | R | A | M |
| K | | K | U | T | A | | A | R | Ş | | Ý | A |

### 20-nji krosswordyň jogaby:

| | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| A | K | D | E | P | E | | A | | U | L | U | D | A | N |
| G | | E | | A | M | E | R | I | K | A | | E | | A |
| A | R | G | A | Ç | | R | | R | | W | A | R | A | K |
| R | | I | | A | R | K | T | I | K | A | | W | | G |
| A | F | R | I | K | A | | A | | A | Ş | H | A | N | A |
| N | A | M | | | D | E | M | O | S | | | Ý | A | Ş |
| | | E | | B | A | Ş | A | G | A | Ý | | Y | | |
| P | E | N | J | I | R | E | | U | M | Y | T | S | Y | Z |
| U | | | | Ç | | G | Ü | L | | G | | | | E |
| T | A | S | L | A | M | A | | B | A | R | A | B | A | R |
| | | E | | K | E | R | B | E | L | A | | U | | |
| A | T | R | | | G | Y | R | G | Y | | | L | O | M |
| Ş | A | K | Ä | S | E | | O | | N | A | G | A | R | A |
| G | | E | | T | R | A | M | W | A | Ý | | N | | G |
| A | O | R | T | A | | Ý | | A | | A | R | Ç | Y | N |
| R | | D | | R | | N | U | H | | M | | A | | I |
| A | W | E | S | T | A | | N | | T | A | N | K | Y | T |



Sahypany taýýarlan Täjigözel BÄŞIMOWA.

# 5-nji TAPGYRYŇ NETIJELERI

**Futbol boýunça Türkmenistanyň Ýokary Ligasynda 5-nji tapgyryň duşuşyklary geçirildi. Oýnalan 4 duşuşygyň 2-sinde myhmanlar ýeňiş gazanyp, 1 oýunda-da ýer eýeleri üstün çykdy. Paýtagt derbisinde bolsa ýeňiş gazanan bolmady. 4 duşuşykda jemi 10 gol hasaba alyndy.**

Sanawyň lideri «Arkadag» topary myhmançylykda «Nebitçini» Abdy Bäşimowyň (72) hem-de Arzuwguly Sapargulyýewiň (86) gollary esasynda 2-0 hasabynda utdy.

«Ahal» topary-da myhmançylykda ýeňiş gazanyp, Türkmenbaşy şäherinde «Şagadamdan» 3-1 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda ýer eýeleri 30-njy minutda Ýagşysähet Döwletgeldiýewiň goly bilen öňe geçse-de, myhmanlar ýeňiş gazanmagy başardy. «Ahal» toparyna ýeňiş getiren gollary 37-nji minutda Süleýman Mirzoýew, 72-nji minutda Nazar Towakelow hem-de 90+4-nji minutda Bäşim Gurbangeldiýew geçirdi.

«Altyn Asyr» topary öz meýdançasynda «Merw» toparyny Mekan Aşyrowyň 71-nji we 81-nji minutlarda geçiren gollary bilen 2-0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

Paýtagtymyzda oýnalan derbide ýeňiş gazanan bolmady. «Aşgabat» toparyndan Söhbet Allanurowyň 81-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren goluna «Köpetdag» toparyndan Arslan Saparow 89-njy minutda 11 metrlik jerime urgusyny takyk ýerine ýetirip, jogap berdi.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 5 | 5 | 0 | 0 | 14—3 | 15 |
| 2 | «ALTYN ASYR» | 5 | 3 | 1 | 1 | 9—2 | 10 |
| 3 | «ŞAGADAM» | 5 | 3 | 0 | 2 | 9—7 | 9 |
| 4 | «AHAL» | 5 | 2 | 2 | 1 | 10—5 | 8 |
| 5 | «MERW» | 5 | 2 | 1 | 2 | 9—13 | 7 |
| 6 | «NEBITÇI» | 5 | 2 | 0 | 3 | 3—7 | 6 |
| 7 | «AŞGABAT» | 5 | 0 | 1 | 4 | 4—11 | 1 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 5 | 0 | 1 | 4 | 2—12 | 1 |

# AFK-nyň iň uly ýaryşynda çempion üýtgemedi

**AFK Çempionlar Ligasy Elite ýaryşynda Saud Arabystanynyň «Al-Ahli» topary çempionlyk gazandy. Arap kluby bu ýyl hem finalda ýapon toparyny ýeňlişe sezewar etdi.**

Saud Arabystanynyň Jidda şäherindäki «King Abdullah Sports City» stadionynda oýnalan finalda «Al-Ahli» topary Ýaponiýanyň «Maçida Zelwia» topary bilen duşuşdy. Çekeleşikli we dartgynly geçen oýna özbegistanly Ilgiz Tantaşew eminlik etdi. 58 müň 984 janköýeriň tomaşa eden duşuşygynda esasy wagtda hasap açylmady. Oýnuň 68-nji minutynda arap toparyndan Zakaria Hawsawi gyzyl kart aldy. «Al-Ahli» topary muňa garamazdan, derwezesini goldan goramagy başardy. 90+5-nji minutda ýene bir arap futbolçysy, has takygy, Mohammed Abdulrahman gyzyl kart aldy we «Al-Ahli» topary meýdançada 9 futbolçy bolup galdy. Goşmaça 30 minut berlip, 96-njy minutda oýna soň goşulan Firas Al-Buraikan hasaby açdy. Galan minutlarda-da 9 oýunçy bolup goranan we garşylyklaýyn hüjümler bilen oýnamaga çalşan «Al-Ahli» toparynyň derwezesini sarsdyrmak ýapon klubunyň futbolçylaryna başartmady. Netijede, 1–0 hasabynda ýeňiş gazanan «Al-Ahli» topary bassyr 2-nji gezek AFK-nyň iň uly klub ýaryşynyň ýeňijisi boldy. Germaniýaly Matias Jaissleniň tälimçiligindäki «Al-Ahli» topary geçen ýyl başga bir ýapon kluby «Kawasaki Frontale» ýeňipdi. «Al-Ahli» topary ýarym finalda hem Ýaponiýanyň «Wissel Kobe» toparyny ýeňipdi. «Maiçda Zelwia» 1/8 finalda Saud Arabystanynyň «Al-Ittihad», ýarym finalda bolsa «Şabab Al Ahli» toparyndan üstün çykdy.




«Al-Ahli» topary Tailandyň «Tai Farmers Bank» (1994, 1995), Koreýa Respublikasynyň «Phohan Stilers» (1997, 1998) we «Suwon Samsung Bluwings» (2001, 2002) hem-de Saud Arabystanynyň «Al-Ittihad» (2004, 2005) toparlaryndan soň yzly-yzyna çempionlyk gazanan 5-nji klub hökmünde hasaba alyndy. Bu ýeňiş Saud Arabystanynyň toparlarynyň şu ýaryşdaky 8-nji çempionlygy bolup, olar şu görkeziji boýunça ýaponlar bilen deňleşdiler. AFK Çempionlar Ligasy Elite ýaryşynda koreý klublary 12 kubok bilen 1-nji orunda barýarlar.

«Maçida Zelwia» topary-da finala çykyp, 3-nji ýapon, umumylykda 20-nji klub boldy. Bu ýaryşda şu wagta çenli 45 klub finala çykyp, şolaryň 25-si azyndan 1 gezek çempionlyk gazansa, 20-sine bu dereje ýetmek başartmady. Şol 20 klubuň 3-si («Ýokohoma F. Marinos», «FK Seoul», «Persepolis») 2 gezek finalda ýeňlişe sezewar boldy.

# Ikisiniň hem möwsümdäki ilkinji ýeňşi

Dünýä Ralli çempionatynda möwsümiň 5-nji ýaryşy Ispaniýanyň Kanarýa adasyndaky Las Palmas şäherinde geçirildi. 18 tapgyrdan ybarat bolan 322,04 kilometrlik bäsleşikde



«Toyota Gazoo Racing» toparynyň fransuz sürüjisi Sebastian Ožie ýeňiş gazandy. Ol bellenen aralygy 2 sagat 43 minut 18,9 sekuntda geçmegi başardy. Bu onuň şu möwsümdäki 1-nji, karýerasyndaky 68-nji ýeňşi hökmünde hasaba alyndy.

Ýaryşda ýeňijiden 19,9 sekunt yza galan «Toyota Gazoo Racing» toparynyň britaniýaly sürüjisi Elfin Ewans 2-nji, ýene-de şol toparyň finlýandiýaly sürüjisi Sami Paýari bolsa 1 minut 40,8 sekunt soň pellehanadan geçip, 3-nji orny eýeledi.

Geçirilen 5-nji ýaryşdan soň, Ewans utugyny 101-e ýetirip, 1-nji orna beýgeldi. Ispaniýada 4-nji orny eýelän Takamoto Katsuta 99 utuk bilen 2-nji orna düşdi. Sami Paýari 72 utuk bilen 3-nji orunda barýar. Möwsümiň 6-njy ýaryşy 7-10-njy maý aralygynda Portugaliýanyň Porto şäherinde geçiriler.

* * *

Moto GP boýunça möwsümiň 4-nji ýaryşy Ispaniýanyň Kadiz welaýatynyň Herez şäherinde geçirildi. Ýaryşda 25 aýlawy «BK8 Gresini Racing» toparynyň ispan sürüjisi Aleks Markes 40 minut 48,861 sekuntda tamamlap, şu möwsümdäki 1-nji, karýerasy boýunça-da 4-nji ýeňşini gazandy. Ýaryşda italiýaly sürüjiler – Marko Bezzekki 2-nji (Aprilia Racing) hem-de Fabio Di Jannantonio («Pertamina Enduro VR46 Racing») 3-nji orny eýeledi.



Geçirilen 4-nji ýaryşdan soň Bezzekki 101 utuk bilen sanawyň başyny çekip gelýär. 2-3-nji orunlardaky ispaniýaly Horge Martiniň 90, Fabio Di Jannantonionyň 71 utugy bar.

Möwsümiň 5-nji «Gran Prisi» Fransiýanyň Le Man şäherinde geçiriler.

# «Monuments» bäsleşiklerinde 13-nji gezek ýeňiji boldy

**«Monuments» bir günlük ýol welosiped bäsleşiginiň 4-nji tapgyry bolan Liež – Bastonýe – Liež ýaryşynda «UAE Team Emirates XRG» toparynyň sloweniýaly türgeni Tadeý Pogaçar ýeňiş gazandy. Ol 259,5 kilometr aralygy 5 sagat 50 minut 28 sekuntda tamamlap, bu ýaryşda bassyr 3-nji, umumylykda 4-nji ýeňşini baýram etdi (2021, 2024, 2025, 2026). Pogaçar «Monuments» ýaryşlarynda şu möwsümde başdaky 3 bäsleşiginiň 2-sinde hem (Milan – San Remo, «Tour of Flanders») ýeňiş gazanypdy. Pariž – Rube ýaryşynda ýeňşi Wut wan Aerte aldyran Pogaçaryň «Monuments» ýaryşlaryndaky çempionlygynyň sany 13-e ýetdi. Ol bu ugurda 19 ýeňşi bolan belgiýaly meşhur türgen Eddi Merksden soň 2-nji orunda barýar. Pogaçaryň entek Pariž – Rube ýaryşynda ýeňşi ýok. «Monuments» ýaryşlarynyň 5-njisi «Giro di Lombardia» güýzde geçiriler.**





# Derbide ýeňildi, tälimçisini ugratdy

Türkiýäniň çempionaty «Süper Ligde» Stambul derbisinde sanawyň lideri «Galatasaraý» öz meýdançasynda «Fenerbahçeden» 3–0 hasabynda üstün çykdy. Oýnuň başlarynda «Fenerbahçeden» Anderson Taliska 11 metrlik jerime urgusyndan ýerlikli peýdalanyp bilmedi. «Galatasaraýa» uly hasaply ýeňiş getiren gollary 40-njy minutda Wiktor Osimhen, 67-nji minutda Baryş Alper Ýylmaz (p) hem-de 83-nji minutda Lukas Torreira geçirdi. Duşuşygyň 62-nji minutynda «Fenerbahçe» toparynyň braziliýaly derwezeçisi Ederson gyzyl kart aldy. Bu ýeňişden soň «Galatasaraý» topary utugyny 74-e ýetirip, möwsümiň tamamlanmagyna 3 tapgyr galanda, 2-nji ýerdäki «Fenerbahçeden» 7 utuk öňe saýlandy we bassyr 4-nji çempionlygyna golaýlady. 11 ýyldan bäri çempionlyk gazanyp bilmän gelýän «Fenerbahçe» topary bu ýeňlişden soň tälimçi Domeniko Tedeskony wezipesinden boşatdy. Topara möwsümiň ahyryna çenli Zeki Murat Göle tälim berer. «Fenerbahçe» topary 2020-nji ýyldan bäri 9-njy gezek tälimçisini çalyşdy.

# «Srwena Zwezdanyň» 37-nji, «Dinamo Zagrebiň» 26-njy çempionlygy

Serbiýanyň çempionaty «SuperLigada» çempion üýtgemän, ýene-de «Srwena Zwezda» topary ýeňşini baýram etdi. 33-nji tapgyrda 2-nji ýerdäki «Partizany» Erakowiçiň, Awdiçiň hem-de Seolyň gollary esasynda 3-0 hasabynda ýeňen «Srwena Zwezda» bassyr 9-njy, umumylykda 37-nji çempionlygyny gazandy. Soňky gezek 2017-nji ýylda çempion bolan «Partizan» çempionaty 27-nji gezek iň ýokarky orunda tamamlap, ol esasy bäsdeşinden 10 çempionlyk yzda barýar.



**Horwatiýanyň çempionatynda** 32-nji tapgyrda «Waraždin» toparyny Mişiç we Belýonyň gollary bilen 2-1 hasabynda ýeňen «Dinamo Zagreb» çempionlygyny yglan etdi. Möwsümiň tamamlanmagyna 4 tapgyr galanda, utugyny 76-a ýetiren zagrebliler geçen ýyl çempionlygy «Riýeka» toparyna aldyrypdy. 1 ýyllyk arakesmeden soň 26-njy çempionlygyny gazanan «Dinamo Zagreb» bu ugurda esasy bäsdeşi «Haýduk Splittden» (6 çempionlyk) ep-esli öňde barýar. «Dinamo Zagreb» soň 21 möwsümde diňe 3 gezek çempionlyk gazanyp bilmedi.

# LONDONDA TARYHY REKORDLAR GOÝULDY

**Dünýäniň her ýyl geçirilýän iň uly 7 uly marafon ýaryşynyň 3-njisi bolan London marafony taryhy statiskalara baý boldy.**




Erkekleriň arasyndaky ýaryşda geçen ýylyň çempiony keniýaly Sebastian Sawe taryhy rekord goýdy. 31 ýaşyndaky türgen 46-njy gezek geçirilen London marafonynda ýaryşy 2 sagatdan öň tamamlamagy başardy. Ol 42,195 kilometr aralygy 1 sagat 59 minut 30 sekuntda geçip, taryhda marafon ylgawynda 2 sagatdan öň pellehana gelen ilkinji türgen hökmünde hasaba alyndy. Mundan öňki rekord 2 sagat 35 sekuntlyk görkeziji bilen başga bir keniýaly türgen Kewin Kiptuma degişlidi. Sawe uly marafon ýaryşlarynda 3-nji çempionlygyny gazanyp, ol geçen ýyl hem Londonda, hemem Berlinde ýeňiji bolupdy.

London marafonynda 2-nji orny eýelän efiopiýaly Ýomif Kejelça ýeňijiden 11 sekunt soň pellehana gelip, 1 sagat 59 minut 41 sekuntda ýaryşy tamamlady. Başgaça aýdylanda, 1 marafon ylgaw ýaryşynda birbada 2 türgen 2 sagatdan öň pellehana gelmegiň hötdesinden geldi. 3-nji orny eýelän ugandaly Jeýkob Kiplimo 2 sagat 28 sekuntda ýaryşy tamamlap, onuň görkezen netijesi hem öňki rekorddan ýokary boldy. Umuman aýdylanda, ýaryşy ilkinji 3-lükde tamamlan türgenleriň 3-si hem öňki dünýä rekordyny täzelemegi başardy.

Zenanlaryň arasyndaky ýaryşda efiopiýaly Tigst Assefa ýeňiş gazanyp, ol diňe zenanlaryň gatnaşan aýratyn ýaryşynyň çäginde şu wagta çenli iň ýokary netijäni görkezdi. 29 ýaşyndaky türgen ýaryşy 2 sagat 15 minut 41 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň Londondaky bassyr 2-nji, uly marafonlardaky 4-nji çempionlygydyr. Ol 2022-nji we 2023-nji ýyllarda Berlinde-de ýeňiji bolupdy.



46-njy London marafonynda zenanlaryň arasynda keniýaly meşhur türgen Hellen Obiri 2-nji orny, bu ýerde 2021-nji ýylda ýeňiş gazanan Joýsilin Jepkosgei 3-nji orny eýeledi.

Geçen hepde geçirilen Boston marafonynda erkekleriň arasynda keniýaly Jon Korir, zenanlardan Şaron Lokedi ýeňiji bolupdy.







# «Barselona» bilen «Intere» çempionlyk üçin bir ädim galdy

Ispaniýanyň çempionatynda «Barselona» myhmançylykda «Hetafeni» Fermin Lopesiň hem-de Reşfordyň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. «Real Madrid» myhmançylykda «Betis» bilen duşuşyp, 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. Winisius Junioryň 17-nji minutdaky goly bilen öňe geçen madridliler ýer eýelerinden Belleriniň 90+4-nji minutdaky goluna çäre tapyp bilmedi. Indiki tapgyrda «Barselona» ýeňiş gazanyp, «Real Madrid» utulsa, katalonlar çempionlygyny yglan eder. «Atletiko Madrid» bolsa öz meýdançasynda «Atletik Bilbaodan» Grizmannyň 49-njy, Sörlotyň 54-nji we 90+3-nji minutlardaky gollary bilen 3–2 hasabynda üstün çykyp, çempionatda 4 duşuşykdan soň ýeňiş gazandy. «Wilýarreal» öz meýdançasynda «Seltany» 2–1 hasabynda ýeňip, çempionaty 3-nji orunda tamamlamak ugrunda uly ädim ätdi.

**Italiýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Inter» myhmançylykda «Torino» bilen 2–2 hasabynda deňme-deň oýnady. Markus Turamyň hem-de Bissegiň gollary bilen 2–0 hasabynda öňe saýlanan «Inter» bu üstünligini saklap bilmedi. «Torino» topary Simeoneniň hem-de Wlaşiçiň gollary esasynda hasaby deňledi. «Napoli» topary öz meýdançasynda «Kremoneze» toparyny 4–0 hasabynda utdy. Neapollylara ýeňiş getiren gollary MakTomineý, Terraçano (ö.d.), De Bruýne hem-de Alisson geçirip, birinji goluň awtory 83-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup bilmedi. Tapgyryň merkezi oýnunda — «Milan» bilen «Ýuwentusyň» duşuşygynda hasap açylmady. Öňdäki 4-lüge düşmek üçin göreşýän «Roma» bilen «Komo» myhmançylykda geçiren oýunlarynda degişlilikde «Bolonýany» hem-de «Jenoany» 2–0 hasaplar esasynda utdy.

**2026-njy ýyldaky ilkinji ýeňşi**

Angliýanyň çempionatynda «Nýukasly» Ebereçi Ezeniň ýeke-täk goly bilen ýeňen «Arsenal» 1-nji orna gaýdyp geldi. 2-nji ýerdäki «Mançester Sitiniň» 1 oýny kem bolup, olar galdyrylan tapgyryň duşuşygynda öz meýdançasynda 14-nji maýda «Kristal Palas» bilen duşuşar. «Kristal Palas» topary 38-nji tapgyrda, ýagny 24-nji maýda-da «Arsenal» bilen güýç synanyşar. Başgaça aýdylanda, «Kristal Palas» möwsümiň çempionyny kesgitläp biler. 3-nji orunda barýan «Mançester Ýunaýted» Kazemiro we Şeşkonyň gollary bilen «Brentfordy» 2–1, häzirki çempion «Liwerpul» bolsa öz meýdançasynda Isak, Robertson hem-de Wirtsiň gollary esasynda «Kristal Palasy» 3–1 hasabynda utdy. Myhmançylykda «Wulwerhemptony» Palinýanyň ýeke-täk goly bilen ýeňen «Tottenham» 2026-njy ýyla geçip, çempionatdaky ilkinji ýeňşini gazandy.

**Fransiýanyň çempionatynda** PSŽ myhmançylykda «Anže» toparyny Li Kan Iniň, Maýulunyň hem-de Beraldonyň gollary bilen 3–0 hasabynda utdy. «Lans» bolsa myhmançylykda «Brest» bilen garşydaşynyň 3–0 hasabynda öňe geçendigine garamazdan, duşuşyk deňlikde gutardy (3–3). Utuk aratapawudyny 6-a çykaran parižliler çempionlyga bir ädim golaýlady.

**PREMIER LEAGUE (34) — 26 gol**

**Braýton—Çelsi: 3–0** (Kadyoglu 3, Hinşelwud 56, Welbek 90+1), **Börnli—M. Siti: 0–1** (Holann 5), **Bornmut—Lids: 2–2** (Krupi 60, Raýan 86 — Hill 68 ö.d., Longstaff 90+7), **Sanderland—N. Forest: 0–5** (Hýum 17 ö.d., Wud 31, Gibbs-Waýt 34, Žesus 37, Anderson 90+5), **Fulham—Aston Willa: 1–0** (Sessenion 43), **West Ham—Ewerton: 2–1** (Souçek 52, Wilson 90+3 — Dýusberi-Holl 88), **Wulwerhempton—Tottenham: 0–1** (Palinýa 82), **Liwerpul—K. Palas: 3–1** (Isak 35, Robertson 40, Wirts 90+6 — Munios 71), **Arsenal—Nýukasl: 1–0** (Eze 9), **M. Ýunaýted—Brentford: 2–1** (Kazemiro 11, Şeşko 43 — Ýenson 87)

**LA LIGA (33) — 30 gol**

**Betis—Real Madrid: 1–1** (Bellerin 90+4 – Winisius 17), **Alawes—Malýorka: 2–1** (Toni Martines 56, 69 — Wirgili 18), **Hetafe—Barselona: 0–2** (Fermin Lopes 45, Reşford 74), **Walensiýa—Žirona: 2–1** (Ramazani 50, Sadik 59 — Roka 63), **Atletiko—Atletik: 3–2** (Grizmann 49, Sörlot 54, 90+3 — Parades 23, Guruseta 90+7), **R. Wallekano—R. Sosiedad: 3–3** (Kamelio 30, Ležen 84, Alemao 90+9 — Oýarzabal 22, 76 p, Oskarsson 63), **Owiedo—Elçe: 1–2** (Çaýra 76 — Wigas 6, Wilýar 16), **Osasuna—Sewilýa: 2–1** (Raul de Aro 80, Katena 90+9 — Mope 69), **Wilýarreal—Selta: 2–1** (Moreno 2 p, Pepe 29 — Iglesias 73 p), **Espanýol—Lewante: 0–0**

**SERIE A (34) — 24 gol**

**Napoli—Kremoneze: 4–0** (MakTomineý 3, Terraçano 45 ö.d., De Bruýne 45+3, Alisson 52), **Parma—Pisa: 1–0** (Elfege 82), **Bolonýa—Roma: 0–2** (Malen 7, El-Aýnaui 45+1), **Werona—Leççe: 0–0, Fiorentina—Sassuolo: 0–0, Jenoa—Komo: 0–2** (Duwikas 10, Diao 68), **Torino—Inter: 2–2** (Simeone 70, Wlaşiç 79 p — Turam 23, Bissek 61), **Milan—Ýuwentus: 0–0, Kaliari—Atalanta: 3–2** (Mendi 1, 8, Borrelli 47 — Skamakka 40, 45), **Lasio—Udineze: 3–3** (Pellegrini 50, Pedro 80, Maldini 90+6 — Ehizibue 18, Atta 86, 90+3)

**LIGUE 1 (31) — 37 gol**

**Brest—Lans: 3–3** (Guinda 7, Tusar 25, Ebimbe 42 — Towen 60, Sima 64, Sen-Maksimen 90+4), **Lion—Oser: 3–2** (Ýaremçuk 19, 71, Tolisso 66 — Diomande 35, Oko 88), **Anže—PSŽ: 0–3** (Li Kan In 7, Maýulu 39, Beraldo 52), **Tuluza—Monako: 2–2** (Rassell-Rou 61, Emersonn 90 — Teze 6, Kamara 18), **Loriýan—Strasbur: 2–3** (Kadiu 26, Paži 54 p — Nanasi 62, Ajeý 90+2 ö.d., Omobamidele 90+9), **Le Hawr—Mets: 4–4** (Samatta 5, Keşta 13, Zuaui 50 p, Dukure 61 — Kwilitaýa 9, Eýn 45+5 p, 85, Pandor 54), **Renn—Nant: 2–1** (Lepol 8 p, Ronžie 90+2 — Ganago 40), **Pariž—Lill: 0–1** (Fernandes-Pardo 26 p), **Marsel—Nissa: 1–1** (Hýoýberg 66 — Wai 87 p)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 34 | 22 | 7 | 5 | 64-26 | 73 |
| 2 | MAN. SITI | 33 | 21 | 7 | 5 | 66-29 | 70 |
| 3 | M. ÝUNAÝTED | 34 | 17 | 10 | 7 | 60-46 | 61 |
| 4 | LIWERPUL | 34 | 17 | 7 | 10 | 57-44 | 58 |
| 5 | ASTON WILLA | 34 | 17 | 7 | 10 | 47-42 | 58 |
| 6 | BRAÝTON | 34 | 13 | 11 | 10 | 48-39 | 50 |
| 7 | BORNMUT | 34 | 11 | 16 | 7 | 52-52 | 49 |
| 8 | ÇELSI | 34 | 13 | 9 | 12 | 53-45 | 48 |
| 9 | BRENTFORD | 34 | 13 | 9 | 12 | 49-46 | 48 |
| 10 | FULHAM | 34 | 14 | 6 | 14 | 44-46 | 48 |
| 11 | EWERTON | 34 | 13 | 8 | 13 | 41-41 | 47 |
| 12 | SANDERLAND | 34 | 12 | 10 | 12 | 36-45 | 46 |
| 13 | KRISTAL PALAS | 33 | 11 | 10 | 12 | 36-39 | 43 |
| 14 | NÝUKASL | 34 | 12 | 6 | 16 | 46-50 | 42 |
| 15 | LIDS | 34 | 9 | 13 | 12 | 44-51 | 40 |
| 16 | N. FOREST | 34 | 10 | 9 | 15 | 41-45 | 39 |
| 17 | WEST HAM | 34 | 9 | 9 | 16 | 42-58 | 36 |
| 18 | TOTTENHAM | 34 | 8 | 10 | 16 | 43-53 | 34 |
| 19 | BÖRNLI | 34 | 4 | 8 | 22 | 34-68 | 20 |
| 20 | W. HEMPTON | 34 | 3 | 8 | 23 | 24-62 | 17 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 24 |
| 2 | Igor TIAGO (Brentford) | 21 |
| 3 | Antuan SEMENÝO (Man. Siti) | 15 |
| 4 | Žoao PEDRO (Çelsi) | 14 |
| 5 | Danni WELBEK (Braýton) | 13 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 33 | 28 | 1 | 4 | 87-30 | 85 |
| 2 | REAL MADRID | 33 | 23 | 5 | 5 | 68-31 | 74 |
| 3 | WILÝARREAL | 33 | 20 | 5 | 8 | 59-38 | 65 |
| 4 | ATLETIKO M | 33 | 18 | 6 | 9 | 56-37 | 60 |
| 5 | BETIS | 33 | 12 | 14 | 7 | 49-41 | 50 |
| 6 | HETAFE | 33 | 13 | 5 | 15 | 28-34 | 44 |
| 7 | SELTA | 33 | 11 | 11 | 11 | 45-43 | 44 |
| 8 | R. SOSIEDAD | 33 | 11 | 10 | 12 | 52-52 | 43 |
| 9 | OSASUNA | 33 | 11 | 9 | 13 | 39-40 | 42 |
| 10 | ATLETIK B | 33 | 12 | 5 | 16 | 36-48 | 41 |
| 11 | R. WALLEKANO | 33 | 9 | 12 | 12 | 33-41 | 39 |
| 12 | WALENSIÝA | 33 | 10 | 9 | 14 | 37-48 | 39 |
| 13 | ESPANÝOL | 33 | 10 | 9 | 14 | 37-49 | 39 |
| 14 | ELÇE | 33 | 9 | 11 | 13 | 44-50 | 38 |
| 15 | ŽIRONA | 33 | 9 | 11 | 13 | 36-50 | 38 |
| 16 | ALAWES | 33 | 9 | 9 | 15 | 38-49 | 36 |
| 17 | MALÝORKA | 33 | 9 | 8 | 16 | 41-51 | 35 |
| 18 | SEWILÝA | 33 | 9 | 7 | 17 | 40-55 | 34 |
| 19 | LEWANTE | 33 | 8 | 9 | 16 | 37-50 | 33 |
| 20 | OWIEDO | 33 | 6 | 10 | 17 | 26-51 | 28 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 24 |
| 2 | Wedad MURIKI (Malýorka) | 21 |
| 3 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 16 |
| 4 | Lamin ÝAMAL (Barselona) | 16 |
| 5 | Ferran TORRES (Barselona) | 14 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 34 | 25 | 4 | 5 | 80-31 | 79 |
| 2 | NAPOLI | 34 | 21 | 6 | 7 | 52-33 | 69 |
| 3 | MILAN | 34 | 19 | 10 | 5 | 48-27 | 67 |
| 4 | ÝUWENTUS | 34 | 18 | 10 | 6 | 57-29 | 64 |
| 5 | KOMO | 34 | 17 | 10 | 7 | 59-28 | 61 |
| 6 | ROMA | 34 | 19 | 4 | 11 | 48-29 | 61 |
| 7 | ATALANTA | 34 | 14 | 12 | 8 | 47-32 | 54 |
| 8 | LASIO | 34 | 12 | 12 | 10 | 37-33 | 48 |
| 9 | BOLONÝA | 34 | 14 | 6 | 14 | 42-41 | 48 |
| 10 | SASSUOLO | 34 | 13 | 7 | 14 | 41-44 | 46 |
| 11 | UDINEZE | 34 | 12 | 8 | 14 | 41-46 | 44 |
| 12 | PARMA | 34 | 10 | 12 | 12 | 25-40 | 42 |
| 13 | TORINO | 34 | 11 | 8 | 15 | 39-56 | 41 |
| 14 | JENOA | 34 | 10 | 9 | 15 | 40-48 | 39 |
| 15 | FIORENTINA | 34 | 8 | 13 | 13 | 38-45 | 37 |
| 16 | KALIARI | 34 | 9 | 9 | 16 | 36-49 | 36 |
| 17 | LEÇÇE | 34 | 7 | 8 | 19 | 22-46 | 29 |
| 18 | KREMONEZE | 34 | 6 | 10 | 18 | 26-51 | 28 |
| 19 | WERONA | 34 | 3 | 10 | 21 | 23-56 | 19 |
| 20 | PISA | 34 | 2 | 12 | 20 | 24-61 | 18 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 16 |
| 2 | Niko PAZ (Komo) | 12 |
| 3 | Anastasios DUWIKAS (Komo) | 12 |
| 4 | Markus TURAM (Inter) | 12 |
| 5 | Doniell MALEN (Roma) | 11 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 30 | 22 | 3 | 5 | 68-25 | 69 |
| 2 | LANS | 30 | 20 | 3 | 7 | 60-32 | 63 |
| 3 | LILL | 31 | 17 | 6 | 8 | 50-34 | 57 |
| 4 | LION | 31 | 17 | 6 | 8 | 48-32 | 57 |
| 5 | RENN | 31 | 16 | 8 | 7 | 54-42 | 56 |
| 6 | MARSEL | 31 | 16 | 5 | 10 | 59-41 | 53 |
| 7 | MONAKO | 31 | 15 | 6 | 10 | 54-47 | 51 |
| 8 | STRASBUR | 30 | 13 | 7 | 10 | 49-39 | 46 |
| 9 | LORIÝAN | 31 | 10 | 11 | 10 | 42-47 | 41 |
| 10 | TULUZA | 31 | 10 | 8 | 13 | 43-44 | 38 |
| 11 | BREST | 30 | 10 | 8 | 12 | 41-47 | 38 |
| 12 | PARIŽ | 31 | 9 | 11 | 11 | 40-47 | 38 |
| 13 | ANŽE | 31 | 9 | 7 | 15 | 26-43 | 34 |
| 14 | LE HAWR | 31 | 6 | 13 | 12 | 29-42 | 31 |
| 15 | NISSA | 31 | 7 | 9 | 15 | 35-57 | 30 |
| 16 | OSER | 31 | 5 | 10 | 16 | 27-42 | 25 |
| 17 | NANT | 31 | 4 | 8 | 19 | 26-51 | 20 |
| 18 | METS | 31 | 3 | 7 | 21 | 31-70 | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Esteban LEPOL (Renn) | 18 |
| 2 | Hoakin PANIÇELLI (Strasbur) | 16 |
| 3 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 15 |
| 4 | Odsonn EDUAR (Lans) | 12 |
| 5 | Folarin BALOGAN (Monako) | 12 |




**1-nji maý (anna)**

Lokomotiw – Dinamo (21:30)
Pisa – Leççe (23:45)
Nant – Marsel (23:45)
Žirona – Malýorka (00:00)
Lids – Börnli (00:00)

**2-nji maý (şenbe)**

Brentford – West Ham (19:00)
Nýukasl – Braýton (19:00)
Walensiýa – Atletiko (19:15)
Bawariýa – Haýdenhaým (18:30)
PSŽ – Loriýan (20:00)
**SSKA – Zenit (21:00)**
**Komo – Napoli (21:00)**
**Arsenal – Fulham (21:30)**
Baýer – Leipsig (21:30)
**Samsunspor – Galatasaraý (22:00)**
Aýaks – PSW (23:00)
Atalanta – Jenoa (23:45)
**Osasuna – Barselona (00:00)**
Nissa – Lans (00:05)

**3-nji maý (ýekşenbe)**

Sassuolo – Milan (18:00)
Akron – Krasnodar (19:00)
**M. Ýunaýted – Liwerpul (19:30)**
Borussiýa M – Borussiýa D (20:30)
Ýuwentus – Werona (21:00)
**Aston Willa – Tottenham (23:00)**
**Al-Kadsia – Al-Nassr (23:00)**
**Inter – Parma (23:45)**
**Espanýol – Real Madrid (00:00)**

**4-nji maý (duşenbe)**

Çelsi – N. Forest (19:00)
**Roma – Fiorentina (23:45)**
**Ewerton – Man. Siti (00:00)**



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# Ýer eýeleri bolsa-da, çempionlyga garaşylanok

**Dünýä Kubogy 2026-da «D» toparçada çykyş etjek 3 ýer eýesiniň biri bolan ABŞ-nyň ýygyndysy Türkiýedir Paragwaýyň hem-de Awstraliýanyň ýygyndylary bilen duşuşar. Toparçanyň faworiti ýer eýeleri bilen Türkiýäniň ýygyndysy hasaplansa-da, ABŞ-nyň ýygyndysyň tälimçisi Poçettinonyň ýolbaşçylygynda geçiren ýoldaşlyk duşuşyklarynda şowly netijeleri az boldy. Ýöne muňa garamazdan, düzüminde ýyldyz oýunçylary bolan ABŞ-nyň ýygyndysynyň toparçadan çykmagyna, hatda çärýek finala çenli gelmegine garaşylýar.**

Futbolyň iň uly ýaryşy bolan FIFA Dünýä Kubogy 2-nji gezek ABŞ-nyň topraklaryna aralaşýar. Ilkinjisi mundan 32 ýyl öň geçirilip, şol çempionatda amerikanlar 1/8 finala çykypdylar. Edil toparçadaky Paragwaýyň milli topary ýaly ABŞ-nyň ýygyndysy hem 1930-njy ýyldaky ilkinji Dünýä Kubogyna gatnaşýar we taryhlaryndaky iň uly başarnygyny – bürünç medaly gazanýar. Şol çempionatda 3-nji ýer üçin duşuşyk geçirilmeýär. Ýöne muňa garamazdan, gol aratapawudy boýunça öňki Ýugoslawiýadan öňe saýlanýar we bürünç medala laýyk görülýär. 1934-nji ýylda 1/8 finaldan başlanan çempionatda Italiýadan asgyn gelýär. 1950-nji ýylda toparçadan çykyp bilmedik amerikanlara, şondan soň 1990-njy ýyla çenli Dünýä Kubogyna gatnaşmak başartmaýar. 1990-njy ýyldan bäri-de diňe 2018-nji ýyldaky çempionaty goýberen ABŞ-nyň ýygyndysy 12-nji gezek Dünýä Kubogyna wekilçilik edýär. 2002-nji ýylda çärýek finala çykan ABŞ-nyň milli topary gatnaşan soňky 3 çempionatynda 1/8 finalda oýnaýar. Olar şu wagta çenli 37 duşuşyk geçirip, 9 oýunda ýeňiş gazanýar, 20 duşuşykda-da utulýar (8 deňlik). Amerikaly futbolçylar 37 oýunda 40 gol geçirip, 66 gol geçirdýär. Iň uly hasaply ýeňişlerini 1930-njy ýylda gazanýar. Şol çempionatda Belgiýadyr Paragwaýy 3-0 hasaplar bilen ýeňýär. Paragwaýyň derwezesinden 3 gol geçiren Bert Petnoud Dünýä Kubogynyň taryhynda ilkinji het-trik eden futbolçydyr. Iň uly ýeňlişler hökmünde Italiýadan 7-1 (1934), Argentinadan 6-1 (1930), Çehoslowakiýadan 5-1 (1990) hem-de Çiliden 5-2 (1950) hasabyndaky ýeňlişlerini görkezmek bolar. Angliýa bilen 3 gezek duşuşyp, hiç birinde hem iňlislerden utulmaýar (1-0, 1-1, 0-0). Germaniýadan 3 oýunda-da utulýar (2-0, 1-0, 1-0). Italiýa bilenem 3 gezek duşuşyp, ikisinde ýeňlişe sezewar bolýar. Meşhur futbolçy Landon Donowan 12 oýunda 5 gol geçirip, 2 görkeziji boýunça-da öňdeligi eýeleýär. DeMarkus Bizli 4 çempionata gatnaşan ýeke-täk amerikaly futbolçydyr.



**Türkiýäniň ýygyndysy** 24 ýyllyk arakesmeden soň Dünýä Kubogyna gatnaşyp, bu olaryň 3-nji synanyşygy bolar. Aslynda, 1950-nji ýyldaky Dünýä Kubogyna-da ýollanma alan Türkiýäniň ýygyndysy şol döwürlerde dürli sebäplere görä, bu çempionata gatnaşmakdan ýüz öwürýär. 1954-nji ýyldaky çempionat olaryň çykyş eden ilkinji Dünýä Kubogy bolýar. Günbatar Germaniýa bilen 2 gezek duşuşan Türkiýäniň ýygyndysy şolaryň 2-sinde hem ýeňilýär (4-1, 7-2). Koreýa Respublikasynyň ýygyndysynyda 7-0 hasabynda ýeňen Türkiýe 2-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşmak üçin 48 ýyl garaşmaly bolýar. 2002-nji ýyldaky çempionat olar üçin juda şowly geçýär. Şenol Güneşiň tälimçiliginde Aziýadaky ýaryşa wekilçilik eden türkler bürünç medala mynasyp bolýar. Türkiýäniň ýygyndysy Germaniýadyr Braziliýa hem-de Koreýa Respublikasynyň ýygyndylary bilen 2 gezek duşuşýar. Olaryň ilkinji ikisinden 2 oýunda-da utulyp, koreýleri 2 duşuşykda hem utýar. Suat Mamat, Burhan Sargun hem-de Ilhan Mansyz 3 gol bilen Dünýä Kubogynda iň köp gik salan türkiýeli futbolçylardyr. Türkiýäniň ýygyndysy DK-niň çäginde geçiren 10 duşuşygynyň 5-sinde ýeňiş gazanyp, 4-sinde utulýar (1 deňme-deňlik). Şol oýunlarda 20 gol geçirip, 17 gol geçirdýär.

**Paragwaýyň ýygyndysy** 12 ýyllyk arakesmeden soň 9-njy gezek Dünýä Kubogyna wekilçilik eder. Ilkinji Dünýä Kubogyna gatnaşan Paragwaý ilkinji duşuşygynda ABŞ-dan 3-0 hasabynda utulýar. Soňra Belgiýany 1-0 hasabynda ýeňip, ilkinji ýeňşini gazanýar. 1950-nji, 1958-nji ýyldaky çempionatlardan soň 30 ýyla golaý arakesme berýär. 1986-njy ýylda gatnaşan çempionatynda 1/8 finala çykýar. Soň ýene-de 2 çempionaty goýberip, 1998-nji we 2002-nji ýyllarda ýaryşlara wekilçilik edip, 1/8 finala adyny ýazdyrýar. 2006-njy ýylda Germaniýadaky şowsuzlykdan soň, 2010-njy ýylda çärýek finala çenli gelmegi başarýar. Çärýek finalda Ispaniýadan 1-0 hasabynda asgyn gelýär. Paragwaýyň ýygyndysy 27 duşuşygyň 7-sinde ýeňiş gazanyp, 10-synda utulýar, 10 oýunda-da deňme-deň oýnaýar. 30 gol geçirip, 38 gol geçirdýär. Ispaniýanyň ýygyndysy bilen 3, Belgiýadyr Angliýanyň, Fransiýanyň, Italiýanyň hem-de Şwesiýanyň milli ýygyndylary bilen 2 gezek duşuşan Paragwaýyň milli topary 96 ýyldan soň Dünýä Kubogynyň çäginde ABŞ-nyň ýygyndysy bilen 2-nji sapar güýç synanyşar. Nigeriýadyr Sloweniýanyň ýygyndylaryny 3-1 hasabynda ýeňip, çempionatdaky iň uly hasaply ýeňşini gazanýar. 1958-nji ýylda Fransiýadan 7-3 hasabynda utulýar we bu olaryň iň uly hasaply ýeňlişi bolýar. Denis Kaniza bilen Roke Santa Kruz 12 oýun bilen Paragwaýyň DK-de iň köp duşuşyk, 3 gezek tapawutlanan Nelson Kuewas iň köp gol geçiren futbolçylarydyr.

**Awstraliýanyň ýygyndysy** 1962-nji ýyla çenli FIFA-nyň agzasy bolman, agza bolanyndan soň 3-nji synanyşygynda, ilkinji gezek 1974-nji ýyldaky çempionata gatnaşýar. Ilki Gündogar, soňra Günbatar Germaniýadan 2-0 we 3-0 hasaplar bilen utulan Awstraliýa Çili bilenem golsuz deňme-deň oýnap, çempionatda ýeke gol hem geçirip bilmän gaýdýar. Olaryň 2-nji synanyşygyna juda köp wagt gerek bolýar. Okeaniýanyň adyndan wekilçilik eden ýyllarynda köplenç pleý-off tapgyryndan yzyna gaýdan Awstraliýa ahyry yklymyny täzeleýär we Aziýa futbol konfederasiýasyna goşulýar. Awstraliýa ilkinji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşanda-da Aziýanyň adyndan wekilçilik edýärdi. Ýagny Awstraliýa 1966-1972-nji, 1979-2005-nji ýyllar aralygynda Okeaniýanyň, 1973-1978-nji ýyllarda hem-de 2005-nji ýyldan bäri Aziýanyň wekili bolup çykyş edip gelýär. 2-nji gezek Aziýa «transfer» bolanyndan bäri bolsa Dünýä Kubogynyň ymykly «müşderisi» bolmagyny dowam edýär. 7-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşýan Awstraliýanyň ýygyndysy 2006-njy hem-de 2022-nji ýyldaky çempionatlarda 1/8 finala çykýar. Şu wagta çenli 20 duşuşykda 4 gezek ýeňiş gazanyp, şonça oýunda-da deňme-deň oýnaýar. 12 oýunda utulan Awstraliýa 17 gol geçirip, 37 gol geçirdýär.

# Dünýä Kubogynyň iň köp medally topary

DÜNÝÄ KUBOGYNA
41
GÜN GALDY

**Dünýä Kubogy 2026-nyň «E» toparçasynda futbolyň taryhyndaky iň güýçli ýygyndylaryň biri Germaniýanyň milli topary çykyş edýär. Dünýä Kubogynyň iň başarnykly 2-nji ýygyndysy bolan Germaniýanyň milli topary Ekwadoryň, Kot-d'Iwuaryň hem-de debýutant Kýurasanyň ýygyndylary bilen güýç synanyşar.**

Çempionlygyň hem dalaşgärleriniň hatarynda ady agzalýan Germaniýanynyň ýygyndysy taryhda diňe 2 gezek Dünýä Kubogyna gatnaşyp bilmeýär. 1930-njy ýyldaky çempionaty goýberen nemesler 1950-nji ýylda ýaryşdan çetleşdirilýär. Galan çempionatlara wekilçilik eden Germaniýanyň ýygyndysy iň köp medal gazanan topardyr. 23 Dünýä Kubogynyň 21-sine gatnaşan Germaniýanyň ýygyndysy 112 duşuşygyň 68-sinde ýeňiş gazanýar. 21 gezek deňme-deň oýnap, 23 duşuşykda-da utulýar. 232 gol geçiren germaniýaly futbolçylar 130 goly hem geçirdýär. Iň köp finala çykan topar bolan Germaniýanyň ýygyndysy 1950-90-njy ýyllar aralygynda Günbatar Germaniýa ady bilen gatnaşýar. 1954-nji, 1974-nji, 1990-njy hem-de 2014-nji ýyllarda çempionlyk gazanan Germaniýa 1966-njy, 1982-nji, 1986-njy, 2002-nji ýyllarda 2-nji orny eýeleýär. 1934-nji ýylda 3-nji ýeri eýeläp, ilkinji medalyny gazanan nemesler 1970-nji, 2006-njy hem-de 2010-njy ýyllarda münberiň 3-nji basgançagyna çykýar. Germaniýanyň ýygyndysyna diňe 2 gezek toparçadan çykmak başartmaýar. Bu şowsuzlyk soňky 2 Dünýä Kubogynda hasaba alynýar. 1938-nji ýyldaky çempionatda 1-nji tapgyrda, ýagny 1/8 finalda Şweýsariýadan asgyn gelen Germaniýa diňe şol ýaryşda ýeňiş gazanyp bilmeýär. Diňe 3 çempionatda çärýek finaldan öň ýaryşdan çykýar (1938, 2018, 2022). 21 çempionatyň 12-sini medal bilen tamamlaýar.

Lottar Matteus 5 Dünýä Kubogynda çykyş edip, 25 oýunda meýdança çykýar. 4 çempionatda 16 gezek tapawutlanan Miroslaw Kloze diňe bir Germaniýanyň däl, eýsem, Dünýä Kubogynyň iň köp gol geçiren futbolçysydyr. Argentina bilen 7 gezek duşuşyp, diňe 1 oýunda utulýar. Ýugoslawiýa bilen 6, Şwesiýadyr Angliýa, Ispaniýa hem-de Italiýa bilen 5 gezek duşuşýar. Italýanlary şol 5 oýunda ýeke sapar hem ýeňip bilmeýär (2 deňlik, 3 ýeňliş). Wengriýadan 8-3 (1954), Fransiýadan 6-3 (1958), Horwatiýadan 3-0 (1998) utulmagy iň uly ýeňlişleridir. Saud Arabystanyny 8-0 (2002), Türkiýäni 7-2 (1954), Braziliýany 7-1 (2014), Meksikany 6-0 (1978), Awstriýany 6-1 (1954), Şweýsariýany 5-0 (1966) utmagy iň uly ýeňişleridir.

**Ekwadoryň ýygyndysy** ilkinji gezek 2002-nji ýyldaky çempionata gatnaşýar. Şol çempionatda Horwatiýany ýeňip, ilkinji ýeňşini gazanýar. 2006-njy ýylda Germaniýadaky çempionatda ýer eýeleri bilen bir toparça düşýär. Duşuşykda Germaniýa 3-0 hasabynda ýeňiş gazanýar. Toparçada Polşany 2-0, Kosta Rikany 3-0 hasaplar bilen utan Ekwador 1/8 finalda Angliýadan Bekhamyň ýeke-täk goly esasynda ýeňilýär. Bu olaryň häzirki wagta çenli iň şowly geçiren Dünýä Kubogy ýaryşy bolýar. 2010-njy we 2018-nji ýyldaky çempionatlaryň daşynda galan Ekwador 2014-nji we 2022-nji ýyllarda birmeňzeş netijeleri görkezýär (1 ýeňiş, 1 deňlik, 1 ýeňliş). Umumylykda, 5-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşýan Ekwadoryň ýygyndysy saýlama tapgyrynda 2 gezek ýeňilýär. Hiç bir topar bilen 2 gezek duşuşmadyk Ekwadoryň iň uly ýeňşi-de, ýeňlişi-de 2006-njy ýylda hasaba alynýar. Kosta Rikany 3-0 hasabynda ýeňen Ekwador şol hasap bilenem Germaniýadan asgyn gelýär. Dünýä Kubogynyň çäginde geçiren 13 duşuşygynyň 5-sinde ýeňip, 6-synda utulýar, 2 oýunda-da deňme-deň oýnaýar. Topar 14 gol geçirip, 14 goly-da geçirdýär. Edison Mendes DK-niň çäginde 8 oýunda meýdança çyksa, Enner Walensiýa 6 gol geçirýär.



**Kot-d'Iwuaryň ýygyndysy** Afrikanyň öňdebaryjy futbol toparlarynyň biri hasaplanyp, olar Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyryna 1974-nji ýylda gatnaşyp başlaýar. Ýöne olara ilkinji ýollanmany gazanmak 2006-njy ýylda başardýar. Şol ýyl Germaniýadaky çempionata 6 debýutant topar gatnaşýar. Argentinadyr Niderlandlardan 2-1 hasaplar bilen utulan Kot-d'Iwuaryň milli topary Serbiýany 3-2 hasabynda ýeňip, ilkinji ýeňşini gazanýar. Ýurduň iň meşhur futbolçysy Didie Drogba Kot-d'Iwuaryň Dünýä Kubogyndaky ilkinji golunu geçiren futbolçy bolýar. 2010-njy ýylda Afrika yklymyndaky çempionatda Kot-d'Iwuardan has şowly netijelere garaşylsa-da, toparçada 3-nji orny eýeleýärler. Portugaliýa bilen golsuz deňlikden soň (0-0) Braziliýadan utulyp (3-1), KHDR-i ýeňmegi olara ýeterlik bolmaýar (3-0). 2014-nji ýyldaky çempionatdaky 3 duşuşyk hem 2-1 hasaplar bilen tamamlanýar. Ýaponiýany ýeňen Kot-d'Iwuar Kolumbiýadan hem-de Gresiýadan asgyn gelýär. 12 ýyllyk arakesmeden soň 4-nji gezek Dünýä Kubogyna wekilçilik etjek Kot-d'Iwuaryň ýygyndysy 9 oýunda 3 ýeňiş (her çempionatda biri) gazanýar. 1 gezek deňme-deň oýnap, 5 oýunda utulýar. «Afrikanyň pilleri» lakamly Kot-d'Iwuar 13 gol geçirip, 14 gol geçirdýär. Ýaýa Ture toparyň Dünýä Kubogyndaky ähli duşuşygynda meýdança çykýar (9). Dindane, Drogba, Boni hem-de Žerwinio 2 gol geçirip, Dünýä Kubogyndaky iň netijeli kot-d'Iwuarly futbolçylardyr.

**Kýurasaonyň** ady şu günki güne çenli köpler üçin nätanyş bolup, ýurduň ilaty 156 müňe golaýdyr. Kýurasao Dünýä Kubogyna wekilçilik etjek iň az ilatly ýurt bolar. Bu çempionat olaryň ilkinji synanyşygy bolup, Kýurasaonyň ýygyndysy üçin mundan öňki saýlama tapgyrlary juda şowsuz tamamlanýar. Meşhur niderland tälimçisi Dik Adwokatyň tälimçiliginde Dünýä Kubogyna ýollanma alan Kýurasaonyň ýygyndysynyň düzümindäki oýunçylaryň köpüsi Niderlandlaryň çempionatlarynda çykyş edýärler. Adwokatyň maşgala ýagdaýy sebäpli wezipesini taşlamagyndan soň topary başga bir niderland tälimçisi Fred Rutten türgenleşdirýär.





# FA KUBOGYNDA ILKINJI «Mançester Siti»–«Çelsi» FINALY

Angliýanyň FA Kubogynda finala çykan toparlar belli boldy. Londondaky «Wembley» stadionynda oýnalan ýarym final oýunlarynda «Mançester Siti» topary «Southemptony» 2–1, «Çelsi» bolsa «Lids Ýunaýtedi» 1–0 hasaplar bilen ýeňdi.

«Mançester Siti» bilen «Southempton» toparlarynyň arasyndaky oýnuň 1-nji ýarymynda hasap açylman, gollaryň 3-si hem oýnuň ahyrlarynda derwezä girizildi. «Southempton» topary 79-njy minutda Finn Azazyň goly bilen öňe geçsede, 82-nji minutda Jeremi Doku hem-de 87-nji minutda Niko Gonzalesiň gollary esasynda ýeňiş gazanan tarap «Mançester Siti» boldy. «Mançester Siti» FA Kubogynyň taryhynda bassyr 4-nji gezek finala çykan ilkinji klub hökmünde hasaba alyndy.

Beýleki ýarym finalda bolsa tälimçisini ugradan «Çelsi» kluby «Lids Ýunaýtedi» Enzo Fernandesiň 23-nji minutda salan goly esasynda 1–0 hasabynda utdy.

Şunlukda, «Mançester Siti» 15-nji, «Çelsi» 17-nji gezek finala çykdy. «Mançester Siti» mundan öň 7 gezek ýeňiş gazanyp, şonça sapar hem ýeňlişe sezewar boldy. «Çelsi» topary-da mundan öňki 16 finalyň 8-sinde kubogy eýeläp, 8-sinde hem asgyn geldi. Iki topar FA Kubogynyň finalynda ilkinji gezek duşuşarlar. Bu taryhy final duşuşygy 16-njy maýda «Wembley» stadionynda geçiriler.

# Parižde 9 golly taryhy duşuşyk

**UEFA Çempionlar Ligasynda PSŽ bilen «Bawariýanyň» arasyndaky ýarym finalyň 1-nji duşuşygy ýatdan çykmajak nusgawy oýunlaryň hataryna adyny ýazdyrdy. 9 golly futbol baýramçylygy soňky ýyllaryň iň çekeleşikli, dartgynly we aldym-berdimli geçen duşuşyklarynyň biri hökmünde taryha girdi.**

Şweýsariýaly Sandro Şereriň eminlik eden duşuşygy «Bawariýadan» Harri Keýniň 17-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren goly bilen başlady. Ýöne ýer eýeleri bu gola tiz jogap berdi. 24-nji minutda Hwiça Kwarasheliýa hasaby deňlese, 33-nji minutda burçdan urguda Žoao Neweş kellesi bilen

Şu möwsümde 43 gol salan PSŽ ýene-de 3 gol geçirse, «Barselonanyň» 1999/2000 möwsümindäki 45 golluk rekordyny täzelär. «Bawariýa» 31 ýyldan soň Çempionlar Ligasynda bir oýunda 5 gol geçirtdi. 1995-nji ýylda «Aýaks» ýarym finalda 5-2 hasabynda ýeňipdi.

PSŽ-niň kapitany Markinios UÇL-däki 120-nji duşuşygyny geçirip, ol bu ugurda Çempionlar Ligasynda iň köp meýdança çykan 2 braziliýaly futbolçynyň biri boldy. Beýlekisi ençeme ýyl «Real Madridde» oýnan Roberto Karlosdyr.

Jogap duşuşygy 6-njy maýda «Allianz Arenada» oýnalar.





topy derwezä girizip, parižlileri öňe geçirdi. Ýöne 41-nji minutda möwsümiň ýyldyzlaryndan Maýkl Olise batly urgy bilen topy tora girizip, hasaby deňledi. Yzygiderli garşylykly hüjümler sebäpli režissýoryň gaýtalap görkezmekde kynçylyk çeken duşuşygynda 45+5-nji minutda emin 2-nji gezek jerime meýdançasynyň içindäki ak nokady görkezdi. Bu gezek ýer eýeleriniň peýdasyna bellenen 11 metrlik jerime urgusyny Usman Dembele dürs urdy we PSŽ täzeden öňe saýlandy.

Fransuz kluby duşuşygyň 2-nji ýarymyna-da gol hatda gollar bilen başlady. 56-njy minutda Kwarasheliýa topardaşy Hakiminiň asist etmeginde topy batly urup derwezä girizdi. Bu goldan 2 minut soň bu gezek Desire Due asist edip, Usman Dembele hem Kwarasheliýa ýaly özüniň 2-nji golunu geçirdi. 5-2 hasabynda öňe saýlanyp, azda-kände arkaýynlaşyp başlan PSŽ toparyny myhmanlar 3 minutyň içinde aljyraňňy ýagdaýa saldy. 65-nji minutda Ýozua Kimmihiň ýerine ýetiren jerime urgusyny Daýo Upamekano kellesi bilen derwezä girizip, asiste öwürdi we aratapawudy 2 gola düşürdi. 3 minutdan soňam Keýniň uzak aralykdan beren topuny owadan emel bilen saklan Luis Diaz münhenlileriň 4-nji golunu geçirdi. Duşuşygyň soňky pursatlarynda-da PSŽ-niň oýunçylarynyň bir urgusy sütünden yzyna gaýtdy. Şunlukda, duşuşyk 5-4 hasabynda PSŽ-niň ýeňşi bilen tamamlandy. Bu bolsa jogap oýnunda-da janköýerlere has gyzykly duşuşygyň garaşýandygyny aňladýar.

PSŽ Çempionlar Ligasyndaky 100-nji ýeňşini baýram edip, olar ilkinji ýeňşini hem 1994/95 möwsüminde «Bawariýa» garşy alypdy. PSŽ 100 ýeňşe ýeten ilkinji fransuz topary boldy.

Bu Çempionlar Ligasynyň taryhynda 9 gol geçirilen ilkinji ýarym final duşuşygy hökmünde hasaba alyndy. Şol bir wagtyň özünde-de 1-nji ýarymynda 5 gol geçirilen ilkinji ýarym final duşuşygy boldy.



**Alwaresiň Messiniň rekordyny täzelen duşuşygynda ýeňiş gazanan bolmady**

Ýarym finalyň Madridde oýnalan beýleki duşuşygy – «Atletiko» bilen «Arsenalyň» arasyndaky oýun Pariždäki duşuşyk ýaly bolmady. Depgini pesräk ýagdaýda geçen oýunda ýeňiş gazanan bolmady. 1–1 hasabynda deňlikde tamamlanan oýnuň gollarynyň ikisi hem 11 metrlik jerime urgusy arkaly geçirildi. Duşuşygyň 44-nji minutynda niderland emini Danni Makkelieniň bellän 11 metrlik jerime urgusyny dürs uran Wiktor Gýokereş «Arsenaly» öňe saýlady. 2-nji ýarymyň başlarynda-da, has takygy, 56-njy minutda bu gezek ýer eýeleriniň peýdasyna bellenen 11 metrlik jerime urgusyny Hulian Alwares dürs urup, hasaby deňledi. Galan minutlarda-da, esasan hem, ýer eýeleri howply hüjümleri döretselerem, derwezeçi Dawid Raýany geçmek olara başartmady. Netijede, duşuşyk 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy.

«Arsenal» toparynyň ýeňlişsiz ýörişi dowam edip, londonlylar 13 oýunda 10 gezek ýeňiş gazandy (3 deňlik). Ispan toparynyň argentinaly ýyldyzy Hulian Alwaresiň şu möwsümde Çempionlar Ligasynda geçiren gollarynyň sany 10-a ýetdi. Ol bu görkezijä ýeten ilkinji «atletikoly» futbolçy boldy. Şeýle-de, ol Çempionlar Ligasynda umumylykda 41-nji duşuşygynda 25-nji golunu geçirdi. Alwares UÇL-de 25 gola iň çalt ýeten argentinaly futbolçy bolup, ol Lionel Messiniň rekordyny täzeledi (42 oýunda 25 gol).

Jogap oýny 5-nji maýda Londonda oýnalar.

**PARI SEN-ŽERMEN – BAWARIÝA: 5-4**
/Kwarasheliýa 24, 56, Žoao Neweş 33, Dembele 45+5, 58 – Keýn 17 p, Olise 41, Upamekano 65, Luis Diaz 68/

**ATLETIKO – ARSENAL: 1-1**
/Hulian Alwares 56 p – Wiktor Gýokereş 44 p/


ZAMAN TÜRKMENISTAN international media

Abuna – 2026

«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2026-njy ýylyň II ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär. Abuna ýazylmak üçin «Türkmenpoçtanyň» islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!

www.zamanturkmenistan.com.tm
zaman_turkmenistan
zaman_turkmenistan1992


